№ 3
2025

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

***— Biziň gazanýan ähli üstünliklerimiz, ýeňişlerimiz, berkararlygymyz hem-de bagtyýarlygymyz öz gözbaşyny milli buýsanjymyz bolan Garaşsyzlygymyzdan alyp gaýdýar.***

***— Garaşsyz Diýarymyzda amala aşyrylýan ägirt uly gurluşyklar mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.***

***— Gurmak we döretmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň esasy şygarydyr. Innowasion önümçilikleri döretmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli özgertmek boýunça gurluşyk we senagat toplumynda uly işler amala aşyrylýar.***


2025
HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY



# GARAŞSYZLYK — BAGTYÝAR DÖWRÜMIZIŇ SENASY...

Eziz Diýarymyzyň taryhynda altyn harplar bilen ýazylan, ägirt uly özgertmeleri durmuşa geçirmek arkaly dünýä halklaryny haýrana goýan Türkmenistan döwletimiz şu ýylyň 27-nji sentýabrynda özüniň döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygyny belledi. Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow halkymyzyň täze taryhynda ägirt uly özgertmeleriň nyşany bolan ajaýyp binalar toplumyna – Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyna gatnaşdy. Bu buýsançly we şatlykly günde Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançada dabaraly geçirilen harby ýöriş ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň, özygtyýarlylygynyň, mizemezligini, türkmen halkynyň agzybirliginiň hem-de milli jebisliginiň nyşany bolup, onuň dabarasy teleýaýlymlar arkaly bütin dünýä ýaýyldy.

Eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlyk toýuna bagyşlanan çäreler tutuş ýurdumyzyň ähli künjeklerrinde ýaýbaňlandyrylyp, ýurdumyzyň ähli raýatlarynyň begenjine begenç, buýsanjyna hem buýsanç goşdy. Türkmen halky 1991-nji ýylyň altyn güýzünde täze bir döwletiň, Garaşsyz Türkmenistanyň binýadyny berkden tutup, äleme nur saçyp, dogup gelýän Gün kibi dünýä nur çaýýan Türkmenistan döwletiniň bardygy hakyndaky hakykaty giň jahana ýaýdy. Bular baradaky, şonuň ýaly-da döwlet Garaşsyzlygymyzyň gazananlary hakyndaky hakykat Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançadan geçen, eziz Diýarymyzyň goranyş kuwwatyny beýan edýän, türkmen halkynyň parahat, abadan durmuşynyň, mukaddes serhetlerimiziň, döwlet Garaşsyzlygymyzyň gazananlarynyň goragynda duran harby we hukuk goraýjy edaralarymyzyň harby hem ýörite goşun birikmeleriniň topar-topar, sap-sap bolup geçen, şeýle-de welaýat häkimliklerimiziň, ministrliklerimiziň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarymyzyň dabaraly ýagdaýda Döwlet münberi öňünden geçen işgärleriniň, raýatlarymyzyň sahna görnüşli çykyşlarynda birin-birin beýan edildi.

1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan Garaşsyz döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şol ýylyň 18-nji maýynda ýurdumyzyň döwlet gurluşynyň esaslaryny, raýatlarymyzyň hukuklaryny we azatlyklaryny, borçlaryny, häkimiýet hem dolandyryş edaralarynyň alyp barmaly işlerini beýan edýän, saýlaw ulgamyny kesgitleýän, beýleki kanunçylyk hukuk namalaryny öz içine alýan Türkmenistanyň Esasy Kanuny — Garaşsyz döwletimiziň Konstitusiýasy kabul edildi. Munuň özi dana pederlerimiziň asyrlar boýy arzuw eden ýurduny,



beýik Pyragynyň «Berkarar döwlet istärin» diýip arzuw eden Türkmenistan döwletiniň gurlandygyny aňladýar.

Garaşsyz döwlet hökmünde nyşanlaryny — Döwlet baýdagyny, Döwlet senasyny, Döwlet tugrasyny döreden, dünýäniň halkara birleşikleri we döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan, demokratik, hukuk, dün-





ýewi döwlet hökmünde dünýä derejesinde özüni tanadan Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň ozalbaşdan raýatlarynyň sagdyn hem uzak ýaşamagyny alada edip, «Halkyň saglygy — ýurduň baýlygy» diýen nakyldan ugur alyp, parahat durmuşynyň, dünýä halklary bilen dost-dogan bolup ýaşamagyň aladasyny edip, 1995-nji ýylyň 21-nji iýunynda döwlet derejesinde «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny yglan etmegi, şol ýylyň 20-nji oktýabrynda halkara guramasynyň — Goşulyşmazlyk hereketiniň agzasy bolmagy, döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilmegi eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlyk ösüşli ýollarynda möhüm wakalar hökmünde dünýä ýaň saldy.

Hawa, özygtyýarlyk döwrüniň gazananlary, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllyk toýy mynasybetli ýaýbaňlanyrylan dabaraly çäreler gadymy hem müdimi türkmen halkynyň döwletliliginiň dowamat-dowamyny bütin dünýä ýaýyp, türkmen agzybirligini, bir başa bakýan merdana halkdygy baradaky hakykaty ummanlar aşyryp, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna jebisleşip oba-şäherleri döretmegiň, toýlar tutmagyň nobatdaky nusgasydyr.

*Abdylhalyk JUMADOW,*
*«Türkmenistanyň senagaty»*
*žurnalynyň baş hünärmeni.*



# HALK MASLAHATY — AGZYBIRLIGIŇ WE JEBISLIGIŇ NYŞANY



**Her ýyl agzybir halkymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň baş baýramyny uly buýsanç we ruhubelentlik bilen garşy alýar. Eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilmegi jemgyýetçilik agzybirliginiň, demokratik ýörelgeleriň dabaralanýandygyny alamatlandyrýar.**

Mälim bolşy ýaly, Halkara parahatçylyk we ynaýşmak ýylynyň 19-njy sentýabrynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilýän umumymilli forumyň gün tertibine mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegine

gönükdirilen möhüm meseleler girizildi. Ýurdumyzyň ýokary wekilçilikli edarasynyň mejlisine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Mejlisiň deputatlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalary, hormatly ýaşulular, mährem eneler, jemgyýetçilik wekilleri, beýleki adamlar gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde Garaşsyz döwletimizde gazanylan üstünlikleriň netijeleri jemlenildi, ýurdumyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmegiň ileri tutulýan wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Milli Liderimiziň forumdaky çuň manyly çykyşynda Garaşsyzlygymyzyň şöhratly 34 ýylynda ýurdumyzyň ýeten sepgitleri, şeýle hem geljekde ähli ugurlar boýunça amala aşyryljak tutumly maksatnamalar öz beýanyny tapdy.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Garaşsyzlyk we Bitaraplyk biziň biri-biri bilen berk baglanyşykly milli buýsanjymyzdyr, parahatçylygyň, ynanyşmagyň şöhratly ýoludyr. Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk döwletimiziň mizemezliginiň, jebisligimiziň, ähli rowaçlyklarymyzyň esaslaryny düzýän taglymatymyzdyr. Garaşsyzlygymyzy berkitmek, hemişelik Bitaraplygymyzy Ýer ýüzünde dabaralandyrmak boýunça geçen ýolumyza nazar aýlanymyzda, her bir üstünligimiziň aňyrsynda Watana bolan söýgimiziň, halal zähmetimiziň, yhlasymyzyň ýatandygyny unutmaly däldiris diýip, hormatly Arkadagymyz sözüni dowam etdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda şu günümiziň we geljegimiziň aýdyň bolmagy üçin ägirt uly işler bitirildi, belent sepgitlere ýetildi. Bu gün Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýatlary has-da berkidilýär.

Bu taryhy maslahatda oňa gatnaşyjylaryň çykyşlaryna giň orun berildi. Bellenilişi ýaly, täze eýýamda Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleri esasynda ýurdumyzda taryhy işler amala aşyrylýar, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuşy, zähmet çekmegi üçin iň gowy şertler döredilýär, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýy barha artýar. Parahat durmuşymyz, eşretli zamanamyz Milli Liderimiziň durmuşa geçirýän beýik işleriniň, ýadaw-syz zähmetiniň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gündelik aladalarynyň aja-ýyp miweleridir. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işlerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdu-myzda uly ösüşler gazanylýar. Bagtyýar halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagy we onda maksatnamalaýyn çykyş etmegi umumymilli forumyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Döwlet Baştutanymyz Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda ägirt uly işleriň durmuşa geçirilendigi-ni, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary boýunça düýpli özgertmeleriň amala aşyry-landygyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň at-abraýyny belent dereje-lere ýetiren Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary, belent tutumlary bilen ata Watanymyzyň kuwwatly döwlete öwrülendigini belledi hem-de para-hatçylygyň we dostlugyň ýurdy, ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýurdumyzyň halkara giňişlikdäki abraýynyň barha pugtalanýandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz çuň manyly çykyşynda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda, şol sanda gurluşyk we senagat toplumynda durmuşa geçirilýän işler barada-da durup geçdi. Garaşsyz ýurdumyzda innowasion önümçilikleri döretmek boýunça gurluşyk we senagat toplumynda uly işler amala aşyrylýar. Toplumyň kuwwatyny artdyrmak, bu ugurda hususy işewürligiň önümçilik bin-ýadyny ösdürmek üçin zerur şertler döredilýär. Şu ýyl Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden keramiki önümler kärhanasy, paýtagtymyzyň demirgazygynda ýerleşýän senagat

toplumynyň çäginde bolsa çüýşe önümlerini öndürýän önümhana ulanmaga berildi. Bu desgalaryň işe girizilmegi täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär.

Himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda himiýa senagatynyň işgärleri üçin Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumynyň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawodyň ikinji tapgyryny, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynyň düzüminde mineral dökünleri öndürýän toplumy, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň çäginde mineral dökünleri öndürýän zawody gurmak meýilleşdirilýär.

Daşary ýurtlara elektrik energiýasyny ygtybarly ibermek, içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda döwrebap, köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň ulanmaga berilmegi energetika pudagynyň mümkinçiliklerini has-da artdyrar. Häzirki wagtda Türkmenbaşy etrabynyň çäginde utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.

Awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak we olaryň dünýä standartlaryna gabat gelmegi üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Döwlet ähmiýetli awtomobil ýollarynyň gurluşygy dowam edýär. Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň gurluşygy alnyp barylýar. Ýakyn wagtda Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat bölegi açylyp ulanmaga berler. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz gurluşyk we senagat toplumynda innowasion häsiýetli kärhanalary, täze önümçilikleri döretmegiň geljekde hem dowam etdiriljekdigini aýtdy.




Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylan örän möhüm soraglar bilen bilelikde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge gönükdirilen resminamalar hem kabul edildi.

Mähriban Watanymyzyň şanly baýramçylyk günlerinde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde garalan möhüm meseleler ýurdumyzyň sazlaşykly ösüşini, halkymyzyň abadan durmuşyny nazarlap, täze ýeňişlere badalga berdi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda döwletimizde ähli ugurlarda asyrlara barabar işleriň amala aşyrylmagy, eziz Diýarymyzyň bedew bady bilen gülläp ösmegi öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetiriljekdigini görkezýär. Bu beýik ynam biziň her birimizi jan Watanymyz Türkmenistanyň mundan beýläk hem gülläp ösmeginiň hatyrasyna tutanýerli we yhlasly, döredijilikli zähmet çekmäge gönükdirýär.

***Gülşirin TAGANDURDYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Hukuk bölüminiň başlygy.***

# AK ALKYŞLAR ARKADAGLY SERDARA

***Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ildeşlerimiziň tutanýerli zähmeti bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda okgunly ösüşler gazanylýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly baýramynyň öň ýanynda ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşýan, ýokary zähmet üstünliklerini gazanýan ildeşlerimiziň uly toparyna hormatly Prezidentimiziň Permany bilen hormatly atlaryň dakylmagy, döwlet sylaglarynyň gowşurylmagy, Şa serpaýlarynyň ýapylmagy ýokarda aýdylanlaryň buýsandyryjy güwäsidir. Şa serpaýyna mynasyp bolan watandaşlarymyzyň kalbynyň joşy — Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza bolan bimöçber hoşallygy bagtyýarlygyň nyşanyna öwrülýär.***



**Mahsad REÝIMBAÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Daşoguz şäheriniň «Demirbetonönümleri» zawodynyň abatlaýyş toparynyň elektrigi, «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly adyň eýesi:**

— Ýurdumyzyň döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygynyň bellenilýän günlerinde ildeşlerimiziň iň bir mynasyplary bilen birlikde maňa-da şeýle hormatly at dakyldy. Bu meniň ömrümde hiç haçan ýatdan çykmajak bagtyýar günleriň biridir. Maňa «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly adyň dakylmagy meni mundan beýlägem has hyjuwly, gaýratly işlemäge ruhlandyrýar. Çünki meniň uly bolmadyk raýatlyk borjumy ýerine ýetirendigim üçin şeýle uly mertebä mynasyp görülmegim, maňa şeýle ýokary Şa serpaýynyň berilmegi meniň ata Watanyň, ene topragyň öňündäki perzentlik borçlarymy bütin ömrüme ýokary derejede ýerine ýetirmäge borçlandyrýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde innowassion önümçilikleriň döredilýän, önümçilikde, gurluşykda uly işleriň döredilýän döwründe, zawodlardyr kärhanalarymyzy diwersifikasiýalaşdyrmak hem döwrebaplaşdyrmak boýunça uly işleriň durmuşa geçirilýän eýýamynda biziň hem bu ugurdan mynasyp işleri ýerine ýetirmegimiz, döwrümiziň bize bildirýän baş talabydyr. Biz döwrüň, halkymyzyň bize bildirýän talaplaryny aňrybaş derejede ödäris diýip söz bermek bilen, menem şeýle hormatly ada mynasyp gören, Şa serpaýyny egnimize ýapan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürek törümden çykýan çäksiz hoşallyklarymy bildirýärin. Goý, belent mertebeli Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli tutumly işleri rowaç, belent başlary elmydama aman bolsun!

*Şa serpaýynyň eýeleriniň ýürek buýsanjy*





**Hojageldi GURBANGELDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Zarba» ýöriteleşdirilen döwlet kärhanasynyň Merkezi önümçilik bazasynyň 1-nji derejeli sürüjisi, «Gaýrat» medalynyň eýesi:**

— Hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň şanly Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň bellenilýän döwründe döwlet derejesinde «Gaýrat» medalyna mynasyp bolmak, bu biziň egnimize hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýapan görlüp-eşdilmedik Şa serpaýydyr. Elbetde, ählimizi haýrana goýýan öňdebaryjy sanly ulgama, «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan, «akylly» şäheriň birinji tapgyrynyň gurlup, ikinji tapgyrynyň gurluşyklary düýpli dowam etdirilýän, paýtagtymyzda «akylly» öýleriň gurlup, raýatlarymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşap, toýlarmyzyň toýlara ulaşýan döwründe meniň şeýle Şa serpaýyna mynasyp bolmagym meniň depämi gök diredýär.

Peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Garaşsyz Türkmenistany bedew bady bilen ösüşleriň belentliklerine alyp barýan döwründe, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda asyrlara barabar işler amala aşyrylýar. Beýleki pudaklar bilen bir hatarda senagat we gurluşyk önümçiligi ulgamynda hem innowasion önümçilikleri döretmek, olaryň görnüşlerini we möçberini artdyrmak, täze senagat kärhanalaryny gurmak we kuwwatlylygyny artdyrmak boýunça düýpli işler durmuşa geçirilýär. Golaýda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden keramiki önümleri kärhanasynyň, paýtagtymyzyň demirgazygynda ýerleşýän senagat toplumynyň çäginde çüýşe önümlerini öndürýän döwrebap önümhananyň işe girizilmegi hem muňa şaýatlyk edýär. Şeýle desgalaryň işe girizilmegi täze innowasion tehnologiýalar esasynda iň bir häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän, ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär. Täze eýýamda uly özgertmeleriň we bagtyýarlygyň ýolundan ynamly öňe barýan ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak üçin, mundan beýlägem gijämi gündiz edip işlejekdigime Milli Liderimizi we hormatly Prezidentimizi, ynandyrýaryn.





**Gurbanmyrat GARLYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Ýaşlyk keramzit zawodynyň direktory, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medalynyň eýesi:**

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň her bir güni dabaraly toýlara ulaşýar. Ata Watanymyzyň ähli ugurlarda ägirt uly rowaçlyklara beslanýän ajaýyp toýly günlerinde hormatly Prezidentimiziň Permany bilen meniň senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynda çeken zähmetim üçin, maňa Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medalynyň gowşurylmagy mende şatlyk we buýsanç duýgularyny döretdi hem-de meni mundan beýläk-de yhlasly we tutanýerli zähmet çekmäge ruhlandyrdy.

Täze eýýamda Garaşsyz, Bitarap döwletimiz ösüş-özgerişleriň aýdyň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Şu şanly ýylda türkmen halky Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda taryhy waka — uly toýy halkara derejesinde toýlanjak hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýylynyň şanly baýramçylygyna barýar.

Halk hojalygynyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda senagat we gurluşyk önümçiligi ulgamynda hem milli we döwlet maksatnamalarymyza laýyklykda ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmek, gözel paýtagtymyzda, «akylly» Arkadag şäherinde we welaýatlarda ýokary depginde alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy gurluşyk önümleri bilen üpjün etmek üçin zerur bolan işler amala aşyrylýar.

Biziň Ýaşlyk keramzit zawodymyzyň agzybir işgärleriniň hem Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, döwletimiziň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna goşulmagy ugrunda alnyp barylýan işlerde mynasyp paýy bar. Biz geljekde-de göreldeli we tutanýerli zähmet çekip berkarar döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşant goşjakdygymyza ynandyrýarys.

Pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, tutýan tutumly beýik işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýärin.





**Meňlihal HUDAÝBERGENOWA,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Büzmeýin etrabyndaky «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň Işgärler bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medalynyň eýesi:**

Meniň zähmet çekýän Büzmeýin etrabyndaky «Demirbetonönümleri» kärhanamyz Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň öňdebaryjy kärhanalarynyň biridir. Agzybir işgärlerimiz göreldeli we yhlasly zähmet çekýärler. Watanymyzyň gülläp ösmeginde, döwletimizde giň gerimde alnyp barylýan gurluşyklaryň gurluşyk önümleri bilen üpjün edilmeginde her bir işgärimiziň mynasyp paýy bar. Şeýle hem kärhanamyzyň ussat gurluşykçylary öz öndürýän demirbeton önümlerimizi ulanmak bilen, ýaşaýyş jaýlaryny we beýleki desgalary gurýarlar hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna öz goşantlaryny goşýarlar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly toýy meniň durmuşymda uly şatlyga öwrüldi. Maňa hormatly Prezidentimiziň Permany bilen «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medalynyň eýesi bolmak bagty miýesser etdi. Men çeken halal zähmetime ýokary baha beren Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz hoşallygymy bildirýärin. Biz kärhanamyzyň zähmetsöýer işgärleri bolup, bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly barýan Watanymyzda bitirilýän işlere mundan beýläk hem yhlasly we tutanýerli zähmet çekmek bilen öz mynasyp goşandymyzy goşarys.

# BMG-niň AWAZA FORUMY:
# HYZMATDAŞLYK ARKALY ÖSÜŞ

**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýol-ýörelgelerini mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda dost-doganlyk gatnaşyklary, halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrylýar.**

Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4 – 8-nji awgustynda ata Watanymyzyň gözel künjegi bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahaty ýokary derejede geçirildi. 3-nji awgustda halkara forumyň başlanmagy mynasybetli bu ýerde baýdak galdyrmak dabarasy guraldy. Oňa Türkmenistanyň we Birleşen Milletler Guramasynyň resmi wekiliýetiniň agzalary gatnaşdylar.

Biziň döwletimiz oňyn Bitaraplyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ýurdumyz bütin dünýäde «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesini hem-de «Dialog — parahatçylygyň kepili» filosofiýasyny iş ýüzünde işjeň ilerledýär. Şunuň bilen baglylykda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda BMG-niň wekilçilikli maslahatynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi ugrunda zerur tagallalar edildi, uly taýýarlyk görüldi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji umumy mejlisindäki, şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň bu forum mynasybetli geçirilen dabaradaky çuň manyly çykyşy uly täsirleri döretdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz taryhy çyky-



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BMG-niň iri wekilçilikli forumynyň ýurdumyzda geçirilmegi Türkmenistanyň ählumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýändiginiň aýdyň beýanydyr.**

şynda «Parahatçylyk, ynanyşmak, Bitaraplyk düşünjeleri biziň üçin özara aýrylmaz bagly bolup, Türkmenistanyň alyp barýan syýasatynyň manysyny we düýp mazmunyny düzýär. Olar biziň halkara giňişlikdäki hereketlerimizi hem-de başlangyçlarymyzy kesgitleýär» diýip belledi. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygynyň strategik häsiýetine ünsi çekdi hem-de Awazadaky forumyň ähmiýeti barada aýtdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça her 10 ýyldan guraýan maslahaty köp sanly syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurdaky çäreleri özünde jemleýär. Olaryň hatarynda mazmunlaýyn «tegelek stol» duşuşyklary, ýokary derejeli forumlaryň 7-sini, has takygy, Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygyny, parlament forumyny, raýat jemgyýetiniň forumyny, ýaşlar forumyny, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygyny, arabaglanyşyk boýunça çäräni, şol sanda gatnaşyjy ýurtlar, halkara guramalar we düzümler hem-de ýurdumyz tarapyndan geçiriljek ugurdaş çäreleri, medeni dabaralary görkezmek bolar.

Bu çäreleriň ählisi-de Türkmenistanyň ählumumy gatnaşyklara işjeň gatnaşyjy we köpugurly diplomatik ýörelgelere ygrarly bolup, Birleşen Milletler Guramasy, şol bir wagtda dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygynyň yzygiderli ösüş ýolundadygyny görkezýär. Çünki, bu halkara maslahata umumylykda 600 milliona golaý ilatly 32 döwletden, şeýle-de BMG-niň agzasy bolan, gyzyklanma bildirýän beýleki ýurtlardan ýokary derejeli wekiliýetler gatnaşdy. Bu bolsa, onuň ähmiýetini has-da artdyryp, Garaşsyz, hemişe-



lik Bitarap Türkmenistanyň halkara derejeli çäreleriň yzygiderli geçirilýän merkezine öwrülendigini alamatlandyrýar.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça forumynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Çünki, bu gözel künjek halkara hyzmatdaşlygynyň we netijeli gepleşikleriň täze merkezine öwrüldi. Şeýle hem bu halkara maslahaty 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň hem-de mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň şanly toýlary bilen utgaşdy. Hazaryň türkmen kenarynda bolup geçen bu taryhy waka BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň dostlukly, hoşniýetli gatnaşyklaryny giňden ösdürmäge, birek-birege düşünmäge, köptaraply hyzmatdaşlygy ýola goýmaga uly mümkinçilikleri döredýär.

Deňhukuklylyk, bitewülik, adalatlylyk ýaly gymmatlyklardan ugur alyp, umumadamzat bähbitli çözgütleriň kabul edilmegi «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda üstünlikli geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň baş maksatlarynyň biridir. Bu giň gerimli forumda BMG tarapyndan möhüm meseleleriň birnäçesine bagyşlanan ýokary derejedäki tematik «tegelek stollaryň» bäşisi guraldy.

Olarda ylym, bilim ulgamlary we innowasiýalary diwersifikasiýalaşdyrmak bilen bagly ugurlar, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ýüzbe-ýüz bolýan geografik çäklendirmeler, çig mallaryň önümçiligine baglylyk we dünýä bazarlaryna çykarmakdaky çäkli mümkinçilikler ýaly ykdysady kynçylyklar ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem netijeliligi ýokarlandyrmakda we ykdysady ösüşi çaltlandyrmakda ylmyň gazananlaryna, tehnologiýalara hem innowasiýalara esaslanmak arkaly düzümleýin özgertmeleriň amala aşyrylmagynyň, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ösen adam maýasyny we işewürligi kämilleşdirmegiň ähmiýetine üns çekildi.

Bulardan başga-da deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin söwdanyň mümkinçiliklerini giňeltmek, söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek we sebitleýin integrasiýany goldamak hem-de söwda ýollary üçin edilýän harajatlar bilen bagly meselelere garaldy. Şeýle-de durnukly infrastrukturalary döretmek, kommunikasiýalaryň mümkinçiliklerini giňeltmek we päsgelçiliksiz üstaşyr geçelgeleri emele getirmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin tagallalary birleşdirmek hem-de bütindünýä derejesindäki hyzmatdaşlygy ilerletmek baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Halkara forumyň çäklerinde guralan Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrleriň duşuşygy, parlament forumy, raýat jemgyýetiniň forumy, ýaşlar forumy, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygy, arabaglanyşyk boýunça çäre, şeýle hem maslahata gatnaşyjy ýurtlar, halkara guramalar we düzümler hem-de ýurdumyz tarapyndan guralan ugurdaş çäreler, medeni dabaralar ýokary guramaçylyk derejesinde üstünlikli geçirildi.

8-nji awgustda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň jemleýji plenar mejlisi geçirildi. Onda 2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy we Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi. Bu iki möhüm resminama geljek on ýylda umumy tagallalar üçin ýol görkeziji bolup hyzmat eder.

Awaza forumy Türkmenistanyň möhüm strategik hyzmatdaş hökmünde BMG bilen tutuş adamzadyň abadançylygyna we durnukly ösüşine gönükdirilen ählumumy başlangyçlary iş ýüzünde durmuşa geçirýändigininiň nobatdaky beýany boldy. Şeýlelikde, hemişelik Bitarap döwletimiziň başlangyjy bilen BMG tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň bu möhüm ähmiýetli forumy şanly waka hökmünde täze taryhy eýýamymyzyň ýyl ýazgysynda hemişelik orun alar.

Şeýle giň göwrümli çäreler Awazanyň dost-doganlygyň mekanydygy hakdaky hakykaty nobatdaky gezek dabaralandyrdy, Watanymyzyň şan-şöhratyny belende göterdi. Muňa her birimiz buýsanýarys hem-de hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza alkyş aýdýarys.

***Döwletgeldi ARTYKOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministriniň kömekçisi.***

# TÄZE MÜMKINÇILIKLERIŇ MAÝA GOÝUM FORUMY

***2025-nji ýylyň 18-19-njy sentýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň maýa goýum forumy ýokary guramaçylyk derejesinde üstünlikli geçirildi. Ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga, göni maýa goýumlary çekmäge we hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen bu çäre ýurdumyzyň hem-de dünýäniň işewür jemgyýetçiligi üçin möhüm wakalaryň biri boldy. Forum döwlet düzümleriniň, halkara maliýe institutlarynyň we guramalarynyň, öňdebaryjy korporasiýalaryň ýokary wezipeli wekillerini, bilermenleri hyzmatdaşlygyň strategik ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin bir ýere jemledi. Foruma gatnaşyjylar iki günüň dowamynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmeler we gazanylýan üstünlikler bilen tanşyp, türkmen hyzmatdaşlary bilen maýa goýum taslamalaryny, hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik aldylar.***

Her bir ýurduň ykdysady taýdan durnukly ösüşi parahatçylygy, howpsuzlygy, durmuş sazlaşygyny pugtalandyrmagyň möhüm şerti bolup durýar. Maýa goýumlaryň çekilmegi bolsa ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagy bilen bir hatarda, öňde goýlan maksatlara ýetmekde-de uly ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz we hormatly Prezidentimiz tarapyndan şeýle syýasatyň durmuşa geçirilmegi netijesinde, taryh üçin gysga döwürde ýurdumyz tanalmaz derejede özgerdi. Bu barada geçen ýyl paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň maýa goýum forumynda, ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýokary tehnologiýalary we innowasiýalary çekmek boýunça halkara maslahatdyr ugurdaş sergilerde hem gürrüň edilipdi. Şol forumda sanly ulgam arkaly eden Çykyşynda hormatly Prezidentimiz «Durnukly ykdysady ösüşi gazanmak biziň baş maksadymyz bolup durýar. Şoňa görä-de, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýan maksatnamalarymyzy üstünlikli amala aşyrýarys. Türkmenistanda iri maýa goýum taslamalary durmuşa geçirildi. Şolaryň arasynda Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisini, Ahal welaýatynda tebigy gazdan benzin öndürýän zawody, Balkan welaýatynda polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumyny hem-de «Garabogazkarbamid» zawodyny görkezmek bolar» diýip belläpdi.

Häzirki döwürde ýurtlaryň arasynda eksport amallarynyň durmuşa geçirilmegi, maýa goýum maksatnamalarynyň amala aşyrylmagy wajyp ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi. Şonuň üçin hem dünýä ýüzünde işewürligiň, dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bilen birlikde, maýa goýum strategiýasynyň işjeň häsiýete eýe bolmagyna-da möhüm ähmiýet berilýär. Garaşsyz Diýarymyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi we bu babatdaky borçnamalaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmegi ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň ygtybarlylygyna bolan ynamdan habar berýär. Bu bolsa mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynda birek-birege hormat goýmak, deňlik, ynanyşmak ýörelgelerine eýerýändiginiň miwesidir.

Awaza halkara maýa goýum forumyň işi «Strategik netijeliligiň şerti hökmünde Türkmenistanyň maýa goýum özüne çekijiligi» atly plenar mejlis bilen badalga aldy. Ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Döwlet Baştutanymyz çärä gatnaşyjylary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilýän Türkmenistanyň maýa goýum forumynyň öz işine başlamagy bilen tüýs ýürekden gutlap, bu forumyň ýurdumyzyň senagat kuwwatyny artdyrmakda, ykdysadyýe-




timizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlary çekmek, dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýan harytlaryň täze önümçiliklerini döretmek we bar bolanlarynyň kuwwatyny artdyrmak boýunça ileri tutulýan maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly ähmiýetini belledi. Hormatly Prezidentimiz Awazada geçirilýän bu çäräniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sebitleri senagatlaşdyrmaga we durmuş-ykdysady taýdan has-da ösdürmäge, pudaklara häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, sanly ykdysadyýet konsepsiýasyny işjeň durmuşa geçirmäge, maýa goýumlary çekmäge ýardam etjekdigine berk ynam bildirdi.

Iki gün dowam eden forumda edilen çykyşlarda Türkmenistanyň ykdysady ösüşinde maýa goýumlaryň ornuna üns çekildi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanda amala aşyrylýan özgertmeler maýa goýumlary çekmek we iri taslamalary amala aşyrmak üçin amatly şertleri döredýär.

Türkmen tarapynyň wekilleriniň çykyşlarynda Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçilikleri bilen tanyşdyryldy. Nygtalyşy ýaly, Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan senagat taýdan ösen döwlete öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, onuň esasy pudaklarynda giň möçberli özgertmeleri amala aşyrmak, ösüşiň senagat-innowasion görnüşini döretmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Täze tehnologiýalary, döwrebap enjamlary ornaşdyrmaga, adam maýasyna we ýurdumyzyň ekologik, durmuş-ykdysady abadançylygyny üpjün edýän ulgamlary ösdürmäge gönükdirilen daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek Türkmenista-




nyň maýa goýum syýasatynyň strategik ugurlarydyr. Döwrebap ulag-logistika infrastrukturasyny kämilleşdirmek, ýurdumyzy Gündogar — Günbatar, Demirgazyk — Günorta ulag ugurlarynyň merkezleriniň birine öwürmek hem şunda aýratyn wezipe bolup durýar.

«Türkmenistanyň gurluşygynda we senagatynda täze meýiller hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri» atly mejlisdäki çykyşlarda Diýarymyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli gurluşyk taslamalarynyň we önümçilik kuwwatlyklarynyň döwrebaplaşdyrylmagynyň daşary ýurtly maýadarlar üçin uly mümkinçilikleri açýandygy bellenildi. Foruma gatnaşyjylar ýurdumyzyň senagat taýdan ösüş strategiýasyna ünsi çekdiler. Bu strategiýa ýokary tehnologiýaly önümçilikleriň döredilmegini, senagat pudagynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Mejlisiň dowamynda ykdysadyýetiň dürli pudaklaryndaky maýa goýum taslamalary bilen tanyşdyryldy. Bu taslamalar içerki bazaryň isleglerini kanagatlandyrmak bilen bir hatarda, ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga hem ýardam berer.

Ýurdumyzda maýa goýum bilen baglanyşykly halkara forumyň yzygiderli geçirilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr. Munuň özi Garaşsyz döwletimizde uly gurluşyklaryň, geljegimize gülzarlyk çaýjak beýik tutumlaryň dowamly boljakdygyny görkezýär. Öňdengörüjilikli syýasatlary bilen ýurdumyzy dünýäniň ösen derejelerine alyp barýan hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!

***Begenç MEŇLIÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ýolbaşçysynyň kätibi.***

# TÄZE DÖWREBAP SENAGAT DESGASY IŞE GIRIZILDI



***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda senagat we gurluşyk önümçiligi ulgamynyň kuwwatyny ýokarlandyrmak, pudaga innowasion önümçilikleri giňden ornaşdyrmak, senagat kärhanalarynyň hataryny artdyrmak, täze iş orunlaryny döretmek babatda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Muňa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 8-nji sentýabrynda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde gurlan çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmegi aýdyň şaýatlyk edýär. Bir gije-gündiziň dowamynda 100 tonna çüýşe önümlerini öndürmäge niýetlenen kärhana ýurdumyzyň senagat ähmiýetli önümçilik desgalarynyň üstüni ýetirmek bilen, milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny görkezdi.***

Häzirki döwürde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny innowasion taýdan hem-de diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu işler bilen bir hatarda, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we olaryň görnüşlerini artdyrmaga, senagat kärhanalarynyň önümçilik binýadyny pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzy senagatlaşdyrmak we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça amala aşyrylýan döwlet strategiýasynda içerki bazary ýerli çig malyň esasynda öndürilýän dürli görnüşli senagat önümleri bilen üpjün etmek meselelerine uly üns berilýär.

Açylyş dabarasynda döwlet Baştutanymyzyň täze döwrebap desganyň edara binasyna baryp, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň çüýşe önümlerini öndürýän goşmaça önümhanasynyň işine ak pata bermegi çäräniň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Önümhananyň gurluşygyny «Rysgally zähmet» hususy kärhanasy ýerine ýetirdi. Täze önümçilik



toplumynda göwrümi 5 millilitrden 3000 millilitre çenli dürli ölçegli çüýşeleriň 50 töweregi görnüşi öndüriler. Şolaryň hatarynda azyk önümlerini gaplamak üçin reňkli we reňksiz çüýşelerdir banka önümleri, gaplyk çüýşe önümleri, şeýle hem lukmançylyk serişdeleri üçin gaplyk çüýşeler bar. Umumy meýdany 6 gektara barabar bolan önümhanada çig mallary taýýarlaýan, gaplyk çüýşe önümlerini öndürýän, ýylylyk, gaz we suw üpjünçiligi, mehaniki abatlaýyş sehleri, barlaghana we hil gözegçilik bölümi, şeýle-de taýýar önümler ammary hereket edýär.

Italiýa, Germaniýa, Türkiýe döwletleriniň innowasion tehnologik enjamlary ornaşdyrylan döwrebap önümhanada önümçilik üçin kwars çägesi, dolomit, hek daşy, natriý sulfaty, kömür ýaly ýerli çig mallar ulanylar. Bu ýerde işgärleriňdir hünärmenleriň zähmet çekmegi üçin ähli zerur şertler üpjün edilipdir. Ýyllyk kuwwaty 36 müň 500 tonna barabar bolan önümhanada öndüriljek ýokary hilli önümler içerki bazarda sarp edijilere ýetiriler hem-de daşary ýurtlara eksport ediler.

Dabarada Germaniýanyň «Horn Glass Industries» kompaniýasynyň we Italiýanyň «Vetromeccanica Sri» kompaniýasynyň wekilleri Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine täze kärhanada ornaşdyrylan en-







jamlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän we halkara derejesinde kabul edilen standartlara laýyk gelýändigi, şeýle hem çüýşe önümlerini öndürýän önümhanada gurnalan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw we howpsuzlyk taýdan halkara standartlaryň kadalaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamalaryny, şeýle hem Italiýanyň «Bottera» kompaniýasynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän toplumlaýyn dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylandygyny tassyklaýan güwänamasy gowşuryldy.

Açylyş dabarasynyň dowamynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň ýolbaşçysyna sowgat hökmünde täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň dürli görnüşli we ölçegli çüýşe önümlerini öndürýän goşmaça önümhanasynyň ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly baýramyna mynasyp toý sowgady boldy.

***Kemal AMANOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Bazary öwreniş we daşary ykdysady gatnaşyklar müdirliginiň Daşary ykdysady gatnaşyklar bölüminiň başlygy.***

# Parahatçylyk umumadamzat gymmatlygy

*Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy taryhy dabaralara beslenip, giňden bellenilýär hem-de türkmen Bitaraplygynyň çuňňur many-mazmuny dünýä ýaýylýar.*

Hemişelik Bitaraplyk derejesi parahatçylyk, özara düşünişmek, dost-doganlyk gatnaşyklaryny, ynsanperwerlik ýörelgelerini berkidýär. Bitaraplyk düşünjesi we ýörelgeleri halkymyzyň durmuşynda parasatly pederlerimizden gelýän ýoldur. Halkymyz ýaşaýyş-durmuşyny dolandyrmakda hemişe ynsanperwer ýörelgelerden, dostlukly gatnaşyklardan ugur alypdyr. Agzybirlige gol berip ýaşapdyr. Ýeri gelende şeýle bir durmuş wakasyna ýüzlenesimiz gelýär. Çaga mahalymyz ene-atalarymyz bize dostluk, agzybirlik hakynda gyzykly dan täsirli gürrüňleri bererdiler. Bir gezek enem: «Adamy beýgeldýän häsiýet mähribanlykdyr. Tanyş-nätanyşlygyna garamazdan, adamlar biri-birine mähriban garaýyşly bolmalydyr. Mähriban garaýyşlar, duýgular, pikirler ynsan kalbyny ýyladýar. Şol ýylylyk dünýä nur saçyp, adamlaryň we durmuşyň gözelliklerini görmäge, duýmaga ýardam edýär.



Ýene-de mähriban kalply adamlar ýagşy gylyk-häsiýetli bolýarlar. Şeýle häsiýetli adamlar ýaşaýyş-durmuşyň bezegidir. Olar adamlara ynsanperwerlik goluny uzatmak arkaly ýagşylygy ýaýýarlar. Tutuş barlyk adamlaryň mähri, ynsanperwerligi bilen gözelleşýär. Mätäji goldap, ýykylana söýget bolmak halkymyzyň aňyrdan gelýän gowy gylyk-häsiýeti, ajaýyp ýörelgesidir» diýdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz dünýä ýurtlary bilen parahatçylyk söýüjilikli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny ynamly ösdürýär. Parahatçylyk, hoşniýetlilik ýurdumyzyň alyp barýan syýasatynda möhüm orny eýeleýär. Hormatly Prezidentimiziň paýhasly başlangyjy esasynda diňe bir ýurdumyzda däl, bütin dünýäde hem parahatçylygyň, howpsuz durmuşyň höküm sürmegi ugrunda netijeli işler amala aşyrylýar. Parahatçylygyň, dost-doganlygyň mekany hökmünde dünýäde ykrar edilýär. Ýurdumyzda parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgeleri hasda baýlaşdyrylýar. Parahatçylyk ynsanyýetiň baş küýsegi, tapylgysyz baýlygy. Asudalygyň, parahatçylygyň binýadyny berkitmäge goşant goşmak her bir adam üçin mukaddes işdir.

Parahatçylyk söýüjilik, ynanyşmak, dost-doganlyk bitaraplyk ýörelgelerine ygrarlylygyň, merdana pederlerimizden gelýän watansöýüjilik terbiýesiniň esasy özenidir. Parahatçylygyň belent düşünjeleriniň çuň many-mazmuny Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp şygrynyň gymmatly pikir-garaýyşlarynda beýan edilýär: «Ömürleriň manysy söýgi, mähir, yhlasdyr, adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!». Bu goşgy dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň parahatçylyk baradaky arzuwlary, ýagşylyga, ynsanperwerlige ýugrulan pikir-garaýyşlary bilen sazlaşýar.

Häzirki döwürde dünýä döwletleri bilen ysnyşykly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkidýän döwlet hökmünde halkara arenasynda atabraýyny belende göterýär. Döwletleriň ynanyşmak arkaly gatnaşyklaryny pugtalandyrmaklary, Ýer ýüzünde parahatçylygyň has-da berkäp, dabaralanmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Dünýäde ynamly gatnaşyklaryň dabaralanmagy parahatçylygyň kepiline öwrülýär. Parahatçylyk adamzady gülläp ösüşlere, öňe gidişliklere atarýar. Parahat durmuşyň goýnunda her bir adam bagtyň hözürini görýär.

Adama güýç-kuwwat berýän ynam bolsa, täze üstünlikleriň açary. Ynam arkaly ýady ýakyna, dosta öwrüp, kalplara dostluk köprüsi çekilýär. Dostluk bolsa ýakymly gatnaşyklara, ygtybarly hyzmatdaşlyga ýol açýan güýç. Ynamly hem ygtybarly gatnaşyklar arkaly adam elmydama üstünlik gazanýar. Halklaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ynamly bolmagy parahatçylygyň gülläp ösmegine oňyn täsirini ýetirýär. Goý, bütin dünýäde parahatçylyk we ynanyşmak gülläp össün!

*Güljan GURBANOWA,*
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň*
*Döwlet muzeýiniň ylmy işgäri.*



**Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: «Ozal akan ýerden akarmyş aryk», «Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi» diýen setirlerini aňyňda aýlanyňda, Watanyň gerçek ogly Mälikguly Berdimuhamedowyň nesillere goýan ruhy mirasy, döreden watansöýüjilik mekdebi, şol mekdebiň asylly terbiýesini alyp, türkmeni dünýä tanadan, berkarar döwletimiziň şan-şöhratyny arşa çykaran Gahryman Arkadagymyzyň hem-de peder ýoluny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän taryhy işleri birin-birin göz öňüňden geçip, kalbyňy joşdurýar. Eziz Diýarymyzyň, mähriban halkymyzyň, ata Watanymyzyň at-abraýyna özleriniň mynasyp goşandyny goşan gerçeklere bolan buýsançdyr guwanjyň has-da artýar.**

# NESILLERIŇ MÜDIMILIK MEKDEBI






Şu ýylyň 12-nji awgustynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminde harby we hukuk goraýjy edaralaryň harby gullukçylarynyň hem-de işgärleriniň gatnaşmaklarynda Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň nusgalyk ömür ýoluna bagyşlanan «Watan, asudalyk – peder wesýeti, nesilleriň müdimilik mekdebi» atly dabaraly maslahat geçirildi.

Bu maslahata gatnaşyjylar ilki bilen türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň pederi, hormatly Prezidentimiziň atasy Mälikguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky



1001-nji harby bölüminde ýerleşýän heýkeline gül desselerini goýdular. Soňra içeri işler edaralarynyň weteranlary, serkerdeleri, içeri işler ministrliginiň institutynyň talyplary, esgerler bölümdäki muzeýe aýlanyp, Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň ömür ýoly bilen baglanyşykly muzeý eksponat-larynyň sergisini synladylar. Mälikguly Berdimuhamedowyň işleri, ýeten derejeleri, gazanan üstünlikleri çärä gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi. Şeýle hem Watanyň wepaly oglunyň ömür ýoluna bagyşlanan maslahatda oňa gatnaşyjylaryň täsirli çykyşlary diňlenildi.

Mälikguly Berdimuhamedow ýaşan manyly ömrüni ata Watanymyza, mähriban halkymyza bagyş etdi. Mälikguly aganyň mukaddes Watanymyzy jany-teni bilen söýüp, onuň bähbitlerini ähli zatdan ileri tutup, arman-ýadaman döredijilikli zähmet çekip geçen durmuş ýoly bu günki ýaş nesillerimiz üçin bahasyna ýetip bolmajak nusgalyk mekdep bolup durýar. «Şu Watany söýüp-söýüp ölerin» diýen setirlerinde jemlenen Mälikguly aganyň geçen şöhratly ömür ýoly, halkymyza galdyran ruhy mirasy taryhyň sahypalaryna ebedilik ýazylyp, nesilleriň kalbynda baky ýaşaýar.

Halkymyzyň beýik oglunyň şöhratly adyny buýsanç bilen göterýän Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň 1001-nji harby bölüminde içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň nusgalyk ömür ýoluna bagyşlanyp geçirilýän çärelere gatnaşanyňda ýüregiňde buýsanç duýgulary pürepürlenýär. Şonuň bilen birlikde, ata Watany söýmegiň, oňa ak ýürekden we halal gulluk etmegiň beýik nusgasyny Mälikguly aganyň galdyran ruhy mirasynyň eziz Diýarymyzyň geljegi bolan ýaş nesillerimiz üçin şamçyrag bolup durýandygyna öwran-öwran göz ýetirýärsiň.

Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň görkezen görelde mekdebi ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şahsy düzümi üçin ganatlandyryjy güýç, bahasyna ýetip bolmajak ylham çeşmesi bolup hyzmat etmek bilen, olaryň Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize bolan buýsançlaryny has-da artdyrýar.

***Yazbibi HALLYÝEWA,***
***Aşgabat şäheriniň 135-nji***
***orta mekdebiniň geografiýa mugallymy.***

# BAGTA UZAÝAN AK ÝOLLAR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan uzak möhletleýin şähergurluşyk maksatnamasyny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üns-aladalary bilen, Türkmenistan Diýarymyz ähli amatlyklary özünde jemleýän, dünýä derejeli şäherleriň ýurduna öwrüldi. Şonuň hatarynda gojaman Köpetdagyň eteginde ýokary depginlerde gurulýan Arkadag şäheriniň okgunly ösýän şäher infrastrukturasy özüniň giň möçberleri, innowasion ösüşlerdir döwrebap täzeçillikleri bilen haýran galdyrýar.***

2019-njy ýylyň 4-nji martynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň täze bir şäheriň gurluşygy barada taryhy Karara gol çekmegi bilen badalga berlen «akylly» şäheriň birinji tapgyry şondan köp wagt geçmänkä, 2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda gurlup, dabaraly ýagdaýda açyldy. Ynha, ähli ugurlarda ägirt uly üstünliklere beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 29-njy iýunynda sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň gurlup ulanmaga berlenine iki ýyl boldy.

«Akylly» şäher konsepsiýasyna laýyklykda gurlan Arkadag şäheri bu gün Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bedew batly ösüşleriniň aýdyň nyşanyna öwrülýär. Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň yhlasyndan kemala gelen, täze eýýamyň köpugurly ösüşini özünde jemleýän döwrebap şäheriň ikinji tapgyrynda gurluşyk işleri ýokary depginde alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, gurluşygyň ikinji tapgyryny 2023 — 2026-njy ýyllarda amala aşyrmak bellenildi. Ikinji tapgyrda umumy bilim berýän mekdepler, çagalar baglary, saglyk öýi, edara binalary, muzeý, «Saglyk» seýilgähi, söwda we hyzmat ediş toplumy, 5,7,9 gatly ýaşaýyş jaýlary, demir ýol we awtomobil menzilleri hem-de beýlekiler bina ediler. Bu ýerde azyk howpsuzlygyny, degişli ekologiýa ýagdaýyny üpjün etmek bilen bir hatarda ululy-kiçili kärhanalar, gaýtadan işleýän önümçilikler dörediler.

Gahryman Arkadagymyzyň bimöçber tagallalary bilen gysga taryhy döwrüň içinde ösen tehnologiýalaryň we milli binagärlik ulgamynyň kämil sazlaşygy esasynda kemala gelen «akylly» şäheriň ýol-ulag gurluşygynda hem häzirki zamanyň ýokary hilli gurluşyk serişdeleri ulanylyp, sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 30-njy iýulynda hem Arkadag şäherinde öňden bar bolan häzirki zaman desgalaryň üstüni ýetirjek täze şaýoluň we döwrebap köpriniň açylyş dabarasy boldy. Gahryman Arkadagymyzyň şähere amala aşyran nobatdaky iş saparynyň çäklerinde açylmagyna ak pata beren döwrebap ýol-ulag desgasynyň açylyş dabarasy şatlykly wakalara beslendi. Hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyrmak üçin paýtagtymyzdan Türkmenbaşy şäherine ugur alan uçarynyň Arkadag şäheriniň üstünden geçýän pursatlarynyň bu ýerde guralýan dabara gabat gelmegi oňa gatnaşyjylarda uly buýsanç duýgularyny döretdi.

Ýurdumyzyň telekeçileri tarapyndan bina edilen bu köpriniň ikitaraplaýyn ýolunyň her tarapynyň gatnaw böleginiň ini 12 metrden gowrak bolup, onuň bölüji zolagynyň ini 5 metre deňdir. Köpriniň her tarapynda ýanýodalar gurlupdyr, ýaşyl zolaklar döredilipdir. Gökdepe şaýoly bilen



Keýmir kör şaýolunyň kesişýän ýerinde uzynlygy 627 metr, ini bolsa 29,5 metr bolan köpriniň beýikligi 9 metre barabardyr. Köpriniň üstünde we aşagynda ulaglaryň sazlaşykly hereketini üpjün edýän ýollar häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede gurlupdyr. Munuň özi ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sogap işleriň mynasyp dowam etdirilýändigini görkezýär.

Häzirki wagtda şaýollaryň, köprüleriň gurlup ulanmaga berilmegi ýurdumyzda sogaply işleriň dabaralanýandygyny görkezýär. Döwrebap köpri bilen bir hatarda Arkadag şäherinde häzirki zaman talaplary esasynda Keýmir kör şaýoly hem guruldy. Munuň özi ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyklaryň toplumlaýyn esasda amala aşyrylýandygyny görkezýär.

Arkadag şäherinde häzirki zaman talaplaryna, ýokary halkara görkezijilere laýyk gelýän täze ulag-logistika desgalarynyň açylmagy bu künjekde ýol-ulag gatnawlarynyň sazlaşygyny üpjün eder. Şeýle hem ýollaryň ugrunda sürüjilerdir ýolagçylar üçin giň mümkinçilikler döredildi. Täze ýol-ulag desgasynyň yşyklandyryş ulgamynyň häzirki zaman görkezijilere laýyk derejede guralmagy, olarda täzeçil tehnologiýalaryň we döwrebap usullaryň ulanylmagy bu künjegiň gijeki görnüşleriniň has-da gözel bolmagyny şertlendirýär.

Hawa, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň bellenilýän ýylynda şeýle taryhy wakalara beslenýän günler hormatly Prezidentimiziň peşgeş berýän bagtyýar zamanasynda asuda ömür sürýän halkymyzyň ýüreklerini buýsanç duýgularyna besleýär. Ata Watanymyzyň ähli künjekleri bilen birlikde döwrüň kämil sungat eserine öwrülýän Arkadag şäheri hem Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen ösüşiň aýdyň menzillerini ynamly nazarlaýar.

***Bäşim BÄŞIMOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaktory.***





# AŞGABAT – SEÝILGÄHLER ŞÄHERI

Hormatly Prezidentimiziň «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň paýtagty Aşgabat tutuş ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleriň, ýetilýän belent sepgitleriň ajaýyp mysalydyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary bilen üstünlikli amala aşyrylýan şähergurluşyk-binagärlik maksatnamalary netijesinde, «Aziýanyň merjen şäheri» diýen ykrarnama eýe boldy we dünýäniň iň owadan, ýaşamak üçin amatly şäherleriniň birine öwrüldi. Häzirki döwürde Aşgabadyň binagärlik keşbini döwrebaplaşdyrmak, gözel paýtagtymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, täze ýaşaýyş toplumlaryny gurmak, hereket edýän inženerçilik-tehniki ulgamlarynyň durkuny täzelemek, ýol-ulag düzümini ösdürmek ugrunda giň möçberli çäreler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň baş şäheri ajaýyp binagärlik çözgütleri bolan täze desgalaryň we kaşaň binalaryň gurulmagy bilen barha gözelleşýär» diýip belleýşi ýaly, gün-günden gözelleşýän paýtagtymyzda gurulýan binalar, açylyp ulanmaga berilýän seýilgähler we beýleki täzelikler hakynda näçe ýaz-



saň, ýazyp oturmaly. Ynha, şu ýylyň 13-nji sentýabrynda gurlup ulanmaga berlen «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» atly seýilgähiň açylyş dabarasy hem şeýle täzelikleriň biridir.

Hawa, şol gün, şanly Garaşsyzlyk toýumyzyň öňýanynda ýurdumyzyň ýolbaşçy düzüminiň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, hormatly ýaşulularymyzyň, talyp ýaşlarymyzyň, bagtyýar körpe nesliň gatnaşmagynda açylyş dabarasyna ak pata berlen, «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň eýesi Gahryman Arkakadagymyz tarapyndan başy başlanan, soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän şäher-gurluşyk syýasatynyň netijesi bolan medeni-durmuş maksatly desgalaryň, seýilgäh-binagurluşyk çäreleriniň yzygiderli dowamy bolan döwrebap seýilgähiň açylyş dabarasy boldy.

Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylarynyň, paýtagtymyza gelýän myhmanlaryň gowy, göwnejaý dynç almaklary, saglyklaryny berkitmekleri, wagtlaryny şatlyk-şagalaň bilen geçirmekleri üçin häzirki zaman seýilgäh zolaklary, sport-sagaldyş, şypahana toplumlary, medeni-dynç alyş binalary we beýleki desgalar yzygiderli gurulýar. Golaýda gojaman Köpetdagyň eteginde, paýtagtymyzyň iň bir gelim-gidimli ýerinde gurlan «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy, Bitarap Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda açylyş dabarasyna ak pata berlen ak şäherimiziň ajaýyp görküne görk goşýan döwrebaplaşdyrylan seýilgäh hem munuň hakykatdan-da şeýledigine anyk mysaldyr.

Häzirki döwürde Aşgabady «Seýilgähler şäheri» diýip atlandyrýarlar. Seýigäh adamlaryň, hususan-da çagalardyr ýaşlaryň döredijilik bilen meşgullanmaklarynda, sagdyn durmuş ýörelgelerini yzygiderli berjaý etmeklerinde wajyp ähmiýete eýedir. Munuň özi olaryň beden taýdan kämil ösmegine, döredijilik ukyplaryny artdyrmaga ýardam berýär.

Bagtly çagalygyň, döwrüň adamlarynyň bagtyýar durmuşy, şanly Garaşsyzlygymyzyň gazananlary bolup ýaňlanan şadyýan çagalaryň, medeniýet-sungat işgärleriniň, Çagalar skripkaçylar toparynyň, Türkmen döwlet gurjak teatrynyň artistleriniň çykyşlary döwrebaplaşdyrylan seýilgähiň açylyş dabarasy bilen utgaşdy. «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähiniň açylyş dabarasyny beýan edýän toý bagynyň kesilmegi bilen, ak kepderi şekilindäki şarlar we parahatçylygyň nyşany bolan ak kepderiler asmana uçuryldy. Ýanýodalaryň iki tarapyny bezeýän güller, her dürli bezeg agaçlary, çagalar üçin ýörite meýdançalar, welosiped sürmek üçin gurlan ýodalar we beýleki döredilen gözellikler dürli ýaşdaky raýatlaryň medeniýetli, mynasyp dynç almaklary üçin döredilen mümkinçiliklerdir. Şeýle-de çäräniň dowamynda dürli döredijilik hem sport bäsleşikleriniň geçirilip, ýeňijileriň gymmat bahaly baýraklar bilen sylaglanylmagy, şeýle-de çagalara Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan ýörite sowgatlaryň gowşurylmagy hemmeleriň göwünlerini galkyndyrdy. Bagtyýar çagalar özleri barada edilýän aladalar üçin döwlet Baştutanymyza hem-de türkmen halkynyň Milli Liderine tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

Şeýlelikde, bu şanly waka bedew bady bilen okgunly öňe barýan Türkmenistanda halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek boýunça amala şayrylýan işleriň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

***Gurbanguly NAZAROW,***
***Kaka etrabynyň Artyk obasynyň ýaşaýjysy, lukman.***



# DÖWREBAP AWTOBUSLAR



***Ygtybarly jemgyýetçilik ulag ulgamy häzirki zaman we durnukly şäheriň ösüşiniň esasy şertleriniň biridir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň baş şaherinde jemgyýetçilik ulaglarynyň sanyny artdyrmaga, olaryň gatnaw ugurlaryny döwrüň talabyna laýyk derejede guramaga uly ähmiýet berilýär. Şu jähetden, eziz Diýarymyzda Garaşsyzlyk baýramynyň giňden we ruhubelentlik bilen bellenilýän günlerinde paýtagtymyz Aşgabada döwrebap, kämil enjamlar bilen üpjün edilen täze ýolagçy awtobuslarynyň 700-siniň gelip gowuşmagy şäheriň ýaşaýjylary we myhmanlary üçin baýramçylyk sowgady boldy.***

Hytaý Halk Respublikasynda öndürilen, uzynlygy 12 metr bolan «Yutong» kysymly bu awtobuslar paýtagtymyzyň şaýollaryny we köçelerini bezäp, ilata hyzmat edip başlady. Täze ulaglar üç gapyly bolup, olaryň hereketlendirijisi ekologik häsiýetli «Euro 5» ölçeglerine laýyk gelýär. Munuň özi täze awtobuslaryň zyýanly maddalary we gazlary juda az möçberde çykarýandygyny aňladýar. Bu bolsa, paýtagtymyzyň ekologik abadançylygyny gorap saklamaga mümkinçilik berýär.



# HALKYŇ HYZMATYNDA

Täze awtobusda oturgyçlaryň sany 26-a ýetýär. Şäher ýerlerinde ol bir wagtda 100-e golaý adamy äkidip bilýär. Ulag hyzmaty üçin ýol nyrhyny tölemek sanly ulgam arkaly amala aşyrylýar. Bu ulgam ýerli NFC bank kartlary, QR-kod we kagyz petekler arkaly işleýär. Awtobuslarda ulaga münýän we ondan düşýän ýolagçylaryň hasabyny ýöredýän abzallar gurnalan. Ulagyň gatnaw ugry ýagtylyk diodly displeýler arkaly sanlarda we aýlanýan ýazuw görnüşinde beýan edilýär. Mundan başga-da onuň iki gapdalynda oturdylan iki sany ýanyp-öçýän displeýler arkaly şygarlar, il-ýurt ähmiýetli möhüm wakalar köpçülige wagyz ediler.

Awtobusyň hereketiniň tizligini dolandyryjy awtomatik ulgam Germaniýanyň önümi bolup durýar. Täze awtobuslaryň içi gyşyna ýyly, tomsuna bolsa salkyndyr. Şeýle hem awtobusyň hereketini togtadyjy «Knorr EBS» electron ulgamy duýdansyz dörän ýol-ulag hereketine dessin çemeleşmäge mümkinçilik berýär. Ol adaty togtadyjy ulgam bilen deňeşdirilende, ulagy duruzmagyň wagtyny gysgaldýar hem-de togtama hereketiniň howpsuzlygyny üpjün edýär.

Şeýle hem onda JPS ulgamynyň we gurnalan wideokameralaryň kömegi bilen, wideogözegçilik arkaly ulagyň hereketine we sürüjiniň işine gözegçilik etmek üçin ornaşdyrylan häzirki zaman intellektual ulgamy bar. Täze awtobusda ses we şekil ulgamyna degişli enjamlar, mümkinçiligi çäkli ýolagçylar üçin enjam hem-de ýol ugrunda haýsy duralgalara gelnendigini habar berýän enjam hem oturdylandyr.

Bir söz bilen aýdanyňda, täze, döwrebap «Yutong» kysymly bu awtobuslar halkyň hyzmatynda bolup, ýolagçylaryň barmaly menzillerine öz wagtynda we rahat baryp bilmekleri üçin bar bolan mümkinçilikleriň üstüni ýetirer.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda ildeşlerimiz şeýle ajaýyp sowgat üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarlar.

***«Türkmenistanyň senagaty».***



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Bütin durky bilen Watan mukaddesligine uýýan, şöhratly geçmişimize, häzirki günümize hem-de nurana ertirimize buýsanýan ýaşlar biziň geljegimizdir.**

# ÝAŞLARYŇ GELJEGI — DÜNÝÄNIŇ GELJEGI



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4 – 8-nji awgustynda bütin dünýäniň nazary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistana — Hazaryň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenaryna gönükdi. Bu günlerde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy toý ruhunda dem alyp, bu ýerde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty uly üstünlikler bilen geçirildi. Esasy mazmunyny «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» atly mowzugy emele getirýän forum ählumumy tagallalary birleşdirmek we utgaşdyrmak arkaly bütin dünýäde parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleriniň ilerledilmegine gönükdirildi. Şunuň bilen baglylykda, abraýly halkara maslahatyň BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň dünýä derejesinde bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda eziz Diýarymyzda geçirilmegi Türkmenistanyň halkara abraýynyň barha artýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Abraýly forum durnukly ösüş ulgamynda anyk hereketleri ara alyp maslahatlaşmak we işläp taýýarlamak, kämilleşdirilen ulag, sanly özara arabaglanyşyk

arkaly ekologiýa, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, Türkmenistanyň ileri tutýan milli hem daşary syýasy garaýyşlaryna laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary ösdürmek, döwletleriň mümkinçiliklerini açmak boýunça ygtybarly meýdança bolmak bilen, onuň netijeleri 2024 — 2034-nji ýyllar üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça Hereketleriň Awaza Maksatnamasynda jemlendi. Bu resminama 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň aýrylmaz bölegi hökmünde geljek onýyllykda deňiz terminallaryna göni çykalgasy bolmadyk ýurtlarda durnukly ösüşi üpjün etmäge hyzmat eder.

Şu ýerde Awazada geçirilen forumyň çäklerinde ýaşlar forumynyň, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň zerurlygyna degişli ugurdaş meseleleri gozgaýan birnäçe çäreleriň möhüm orun eýeländigini bellemek gerek. Çünki bu çäreler BMG-niň «Ýaşlar – 2030» strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine doly laýyk gelmek bilen, ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy ösdürmäge, durnukly ösüşiň umumy wezipelerini çözmek işine gatnaşmak mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň atabraýy barha belende galýar. Ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleriň, ýetilýän belent sepgitleriň ählisi halkymyzyň ajaýyp durmuşda bagtyýar ýaşamagyna gönükdirilendir. Şeýle alnyp barylýan tutumly işleriň çäklerinde ýurdumyzda ýaşlar baradaky alada hem öz mynasyp ornuny tapýar. Döwlet Baştutanymyz ýaşlar baradaky aladany elmydama aýratyn üns merkezinde saklaýar. Şu günki ýaşlarymyz baradaky alada biziň bagtyýar durmuşymyzyň, owadan geljegimiziň kepilidir. Ata Watanymyzda agzybir halkymyzyň öndürijilikli halal zähmet çekip, bol elin durmuşda ýaşamagy, ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli we döwrebap bilim hem-de terbiýe almaklary we olaryň bagtyýar geljekleri üçin düýpli işler alnyp barylýar.

Häzirki döwürde Türkmenistan döwletimiziň ösüşinde we geljeginde ýaşlar baradaky döwlet syýasaty möhüm we wajyp orna eýedir. Ýaş raýatlaryň döwleti we jemgyýeti dolandyrmakdaky we ösdürmekdäki ornunyň güýçlendirilmegine gönükdirilen «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda», şeýle hem «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda (rejelenen görnüşi) döwletimiziň ýaş raýatlarynyň döwrebap bilim-terbiýe almagy, sazlaşykly ösmegi we giň dünýä garaýyşly hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin zerur mümkinçilikler göz öňüne tutulandyr.

Arkadagly Serdarymyzyň: «Biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öňümizde belent maksatlary goýduk. Mähriban Watanymyzyň abadançylygyny we durmuş-ykdysady ösüşini, halkymyzyň ýaşaýyş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak, dünýäde parahatçylygy hem-de ynanyşmagy berkitmek wezipelerini öňe sürdük. Şu belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýen ruhlandyryjy sözleri ýurdymyzda ýaşlara bildirilýän ynamyň aýdyň subutnamasydyr.

Täze eýýamda ýokary halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, abadan geljegi döretmegiň hatyrasyna dürli döwletleriň ýaşlary bilen gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak ugrunda ýurdumyzda ençeme işler durmuşa geçirilýär. Şu jähetden «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 —2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynyň» kabul edilmegi aýratyn ähmiýete eýe boldy. Şeýlelikde, Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde ýaşlar bilen baglanyşykly geçirilen çäreler jemgyýetiň hereketlendiriji güýji hökmünde ykrar edilen ýaşlary Ýer ýüzünde nurana geljegi gurmak işine mundan beýläk-de işjeň çekmäge giň mümkinçilikleri açdy.

Biz ýaşlar ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösüşini, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulanmagyny hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň halkara abraýynyň ýokarlanmagyny üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatynda ýaşlarymyza aýratyn ynam bildirýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman, il-ýurt bähbitli tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

***Şamuhammet HOJAGELDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Sanly ulgam we maglumat howpsuzlygy bölüminiň baş hünärmeni, ministrligiň ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy.***

# DÜNÝÄ BARYLÝAN ÝOLDA DURMUŞ MEKDEBI



## *Ol ýol bizi ummanlar aşyrýar...*

Watany seriňe täç etmegi ähli beýleki zerurlyklardan ileri tutan şahsyýetleriň biri bolan Magtymguly Pyragy «Gidiji bolma» goşgusynda:

*Gel, göwnüm,*
*men saňa nesihat kylaý,*
*Watany terk edip gidiji bolma*

diýen bolsa, «Il ýagşy» atly şygrynda:

*Ýat illerde mysapyrlyk çekenden,*
*Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy*




diýýär. Şygryýet läheňi dana Pyragy «Aýrylma» atly goşgusynda:

*Messana ýörgenden gaýry ýurtlarda,*
*Oýnap-ösen öz ýurduňdan aýrylma!*

diýip, ilki bilen özüne, galyberse-de bize, öz nesillerine öwüt berýär. Elbetde, Watan gymmatyny ähli barlykdan ýeg gören dana Pyragydan näçe öwrenseň, öwrenibermeli...

Dogrudan-da Ýer ýüzüniň uç-gyraksyz ummanynda uly mekdepler döredip, nesillerine okuw-terbiýe berýän Magtymguly Pyragynyň döredijilik dünýäsi entekler öwrenibermeli, okabermeli, olar barada çözläbermeli, tapgyrma-tapgyr geçibermeli uniwersitet. Munuň şeýledigi hakynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz eseriniň «Magtymguly Pyragy mekdebi we türkmen magtymgulyşynaslary» böluminde: «Magtymguly Pyragy mekdebi hem tarpa öz-özünden dörän däldir. Dünýä edebiýatynyň gadymy köklerine daýanyp kemala gelen bu mekdebiň binýadyny mukaddes kitaplar, Eflatun, Aristotel ýaly pelsepeçileriň, Rudaki, Firdöwsi, Nyzamy, Mahmyt Zamahşary, Mäne baba, Mahmyt Pälwan, Omar Haýýam, Hoja Ahmet Ýasawy, Sagdy, Hafyz, Jamy, Nowaýy, Ferididdin Attar, Fizuly, Nesimi, Ýunus Emre, Baýram han, Azady, Andalyp, Garajaoglan ýaly akylly şahyrlaryň, alymlaryň, danalaryň miras goýan pelsepewi, ylmy, edebi gymmatlyklary düzýär. Şeýle ruhy-medeni gymmatlyklardan badalga alan Magtymguly Pyragy mekdebi edebiýat meýdanynda umumylykdan anyklyga tarap uly bir ädim ädip, özboluşly täze edebi-döredijilik ýoluna gadam basdy» diýip belleýär.

## *Beýik Pyragynyň duýguly dünýäsine seýran eýläp...*

Poeziýa ummanynyň uç-gyraksyz ummanynyň özbolușly, iňňän özüne çekiji dünýäsini döreden, türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy, hormatly Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip ýokary baha berlen söz ussady öz eserlerine tutuş geçmişi, şu güni, geljegi siňdirip, milli jemgyýetiň kämilligi üçin zerur bolan edep-terbiýäniň kadalary, aýratynlyklary, dür däneleri hakynda söz açyp, olary içgin teswirläp, öz eserleri bilen olar üçin altyndan, göwher-jowahyrdan bina galdyrýar.



Taryha ser salsak, ylym-bilime diýseň uly sarpa goýan ata-babalarymyzyň Magtymguly Pyragynyň bir eserler diwanyny bir guba düýe berip satyn alandygyna şaýat bolýarys. Ylmyň dürli ugurlaryndan söz açýan, Burhanneddin Rabguzy, Nyzamy Genjewi, Emir Alyşir Nowaýy, Nurmuhammet Andalyp, Gurbanaly Magrupy ýaly uly alymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň kyssa eserlerini şygra salyp, aňrybaş derejede ýazyp beýan edendigine şaýat bolýarys. Beýik Pyragynyň «Kepderi», «Çekem Ýusup diýe-diýe», «Ýaranlar» eserleri we beýlekiler munuň şeýledigine ýönekeýje mysaldyr. Dana Magtymguly «Näler boldy» şygryny ýazmak bilen, «Jebrut äleminde Jelil» syryna aralaşyp ugraýar. Ol bu eserinde:

*Eý, ýaranlar, musulmanlar,*
*Jahan ýokdy, näler boldy?!*
*Hak özi-özüni tutmuş,*
*Müňde bir perdeler boldy.*

*Nam-nyşana ýokdy ýerden,*
*Asmandan, jennetden, hüýrden,*
*Anyň üç perdesi nurdan,*
*Rasululla — şolar boldy...*

*Otdan Azazyl ýaraldy,*
*Ýedi ýerde jaý aldy,*
*Gulluk eýläp, göge galdy,*
*Ussady melekler boldy...*

*Magtymguly, aşdyň serden,*
*Hiç kimse bilmez bu syrdan,*
*Toprak alnyp ýedi ýerden,*
*Adam safyýylla boldy*

diýip, Ýeriň-Göguň, ynsyň-jynsyň, adamzadyň ýaradylyşy, Adam ogly üçin gudrat bolup görünýän wakalar hakynda birin-birin beýan edýär.

Gunt düşen ýaly sözleri, setirleri, oý-pikirleri bilen täsinlikler dünýäsine syýahata çagyrýan, goşgularyna akyl ýetirdigimizçe dünýäni, öňi bilen özümizi açmaga mümkinçilik döredýän Magtymguly Pyragynyň dünýäsi älem ummanlary deýin çuňňur, giňiş, göz, akyl ýetirerden has aňyrda. Onuň goşgularyny her gezek okanyňda bir zada göz ýetirýärsiň. Şeýde-şeýde dünýä syrlaryna, jebrut älemine aralaşyp barýansyň. Munuň hakykatdan hem şeýledigini Gahryman Arkadagymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly eserinde:

*Baş egip külli türkmeniň eziz jana-janyna,*
*Müň togap bilen biz barýarys ýanyna,*
*Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat-şanyna,*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.*

*Müňýyllykdyr asyrlaryň nurana rowaýaty,*
*Kömegine mätäçlere — Taňrynyň hemaýaty,*
*Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty —*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy*

diýip, hemmelere düşünerlik derejede ýazýar.

Köpetdagyň eteginde, paýtagtymyzyň iň bir gelim-gidimli ýerinde gurlan «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy söz sungatynyň ägirdi, diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem bütin dünýä edebiýatynyň ýazyjy-şahyrlarynyň hem ägirdi bolan Magtymguly Pyragynyň ýadygärligine, öçmez-ýitmez döredijiligine goýulýan hormat-sarpadan, gadyr-gymmatdan nyşandyr. Beýik söz ussadyna bütin türkmen halky bilen birlikde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň goýýan belent sarpasynyň giň jahana ýaýylyp, älem-jahana ýaýylmagydyr. Munuň şeýledigini Milli Liderimiziň «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly eserinde hem belleýşi ýaly, ol, ýagny: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir».

***Jepbarguly GURBANOW,***
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.***

***Aýtäç RAHYMOWA,***
***şol uniwersitetiň talyby.***

***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň yglan eden «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşine biziň goşandymyz » atly döredijilik bäsleşigine***

## WATAN

Nurdan dörän beýik millet aslymyz,
Arkadagly baky bagta ýeten biz,
Arkadag Serdarly beýik döwrümiz,
Agzybirlik şöhrat-şanyňda, Watan!

Döwlet senamdaky sözlere gurban,
«Owal-ahyr birdir biziň ganymyz».
Ata Watan eziz Diýar abadan,
Parahatlyk halkyň ganynda, Watan!

Eziz Arkadagyň yhlasy bilen,
Arkadagly Serdar paýhasy bilen,
Sen jennetiň ýerde dörän nusgasy,
Bagşylaryň aýdym-sazynda, Watan!

Garaşsyz, Bitarap saýlan ýolumyz,
Bu gün bagtyýardyr türkmen ilimiz,
Ýaşlar geljegimiz, dowam neslimiz,
Saňa bolan söýgim janymda, Watan!

Garaşsyzlyk bilen galkynýar Diýar,
Halkym ajap döwrüň hözirin görýär,
Hem batlydyr, gaýratlydyr ädimler,
Toý toýlanýar seniň goýnuňda, Watan!

Taryh gatlarynda baky ýer edip,
Buýsan türkmen, Serdarmyza seredip,
Ýollaryň ýeňişli, şöhratly bolsun,
Kuwwatlanýan bedew badyňda, Watan!

## BUÝSANÇLY GOŞGY

Bitaraplyk, Garaşsyzlyk, erkin ýurt,
Bu türkmeniň asyr boýy arzuwy.
Halkyma eçilýär egsilmejek bagt,
Arkadagly Serdarymyň ak ýoly.

Garaşsyzlyk, Bitaraplyk ganaty,
Hem Watanyň sarsmaz sütünleridir.
Arkadagym bilen artýar şöhraty,
Türkmen agzybirlik bilen güýçlüdir.

Asuda parlaýar ýaşyl Tugumyz,
Ýüze sylyp, baş egýäris öňünde.
Tug kimin elmydam belent ruhumyz,
Watan ýokdur bu Watanyň deňinde.

Belentden ýaňlanýar döwlet senamyz,
Ol türkmeniň bagtyýarlyk mukamy,
Baş Kanunmyz daşymyzda penamyz,
Mukaddesdir döwletimiň Tugrasy.

Berkararlyk, bagtyýarlyk eýýamy,
Diýarmyzyň hiç sowulmaz döwrany,
Dünýäde bir jennet mekan bar bolsa,
Watanym jennetdir, Eremdir bagy,

Ata Watan asuda hem erkana,
Gözelleşýän nurly keşbi görkana,
Alkyşly sözlerden aýdýarys aýdym,
Bagş eýleýip Arkadagly Serdara.

Watan ösüşleri dünýä ýaň salsyn,
Akja kepderiler oýnasyn erkin,
Gahryman Serdarly ilde toý bolsun,
Arkadag Liderli Watan beýgelsin.

***Gurbangeldi ORAZBERDIÝEW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň jogapkär kätibi.***





## ARKADAG ŞÄHERI

A-Arkadag şäheri – bagtyň şäheri,
R-Röwşen ýalkymydyr binagärligiň.
K-Kemala gelmegi, ýugrulmagydyr,
A-Ak nurlary bu älemiň, barlygyň.
D-Dillerde sena ol, göwün galkymy,
A-Arkadag şäheri – bagtyň bahary,
G-Galkynşa besleýän eziz halkymy.

Ş-Şaýollary alyslara uzaýar,
Ä-Älem içre ajap çagly bu şäher.
H-Haýran eder görenleri, synlany,
E-Erteki deý Erem bagy bu şäher.
R-Ruhuň ganaty ol, ak bagtyň paýy,
I-Il-halkyna Arkadagyň serpaýy.

## PARAHATLYK AÝDYMY

Bitaraplyk halkyň şöhrat-şanydyr,
Ajaýyp döwrümiz – bagtly zamana.
Ýüregmizde umyt hemem ynam bar,
Geljegimiz şuglaly hem-de nurana.

Biz dostlugy saýlaýarys ýürekden,
Agzybirlik – halkyň aýdyň ýoludyr.
Bu ýolda asylly maksat gerekdir,
Türkmen ili – dost-doganlyk ilidir.
Pähim-paýhas bilen dostluk berkeýär,
Ynsanperwer ýörelgeler bagta ýar.
Baky Bitaraplyk dünýäde ykrar,
Eziz Watan, eziz ilim bagtyýar.

Parahatlyk köňülleriň buýsanjy,
Ýürekleriň berki, baky guwanjy,
Dilleriň dessany, ylham joşguny,
Ýüreklerde orun alan daýanjy.

Goý, parlasyn parahatlyk baýdagy,
Goý, ýaňlansyn parahatlyk aýdymy,
Hemişelik Bitaraplyk – ýolumyz.
Geljegiň şuglasy, nurly ýalkymy.

***Myrat GURBANOW,***
***Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň Aspirantura bölüminiň baş hünärmeni, Ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.***

## Watana

Oba-kendiň asudadyr, şamu-säheriň ajaýyp,
Gyşyň, tomsuň, güýzüň, ýazyň, säherleriň ajaýyp,
Binalary göge uzan, merjen şäherim ajaýyp,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, ak daňlary atan Watan!

Derýaň tereň, çölüň ymgyr, topragyňda keramat bar,
Dost-doganlyga çagyryp, ýaşyl Tugum owsun atýar,
Baky bagta hemra bolan, ykbal bize gülüp bakýar,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, şany arşa ýeten Watan!

Asyrlaryň jümmüşinde bäş müň ýyllyk taryhyň bar,
Oguz, Gorkut, Pyragyň bar, dünýä içre tarypyň bar,
Ösüşleriň waspyn edýän bagşy, ozan, şahyryň bar,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, ärler, pirler ýatan Watan!

Pederleriň demi siňen ýurdum, Hakyň halatysyň,
Bagta ýeten bagtyýarlyk döwrüň ajap zynatysyň,
Öňe barýan nesilleriň uçar guşy, ganatysyň,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, beýik maksat tutan Watan!

Gör, giň dünýä gujak açýar goja Hazaryň kenary,
Bakdygyňça göwnüň açýar, synla bu ajap Diýary,
Diller saňa dürler saçýar, soňlanmaz köňlüm kelamy,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, waspy arşa ýeten Watan!

Ösüşlerden, ýeňişlerden artýar bedew badymyz,
Beýik işleň başyn başlan Gahryman Arkadagymyz,
Buýsanjymyz, guwanjymyz Arkadagly Serdarymyz,
Garaşsyz sen, Bitarap sen, ak geljege rowan Watan!

***Daud ANNAÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Işgärler bölüminiň baş hünärmeni.***

***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň yglan eden «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşine biziň goşandymyz » atly döredijilik bäsleşigine***

## Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Bu gün Türkmenistan gülleýär, ösýär,
Arkadagly türkmen ilim bagtyýar,
Diýarmyzda toýlar-toýa ulaşýar,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Arkadagyň paýhasyndan binýatly,
Gahryman Serdarly ýurdum kuwwatly,
Ösýär bedew batly, abraý-şöhratly,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Ýurdumyz parahat, iller abadan,
Halkymyza ýaran döwletli-döwran,
Çar tarapdan myhman gelýär dost-dogan,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Parahatlyk ata-baba däbimiz,
Ak geljege rowan bu gün ýolumyz,
Erkana parlaýar ýaşyl Tugumyz,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Ata-baba ýollar dowamat bolsun,
Eziz ýurdum mydam parahat bolsun,
Türkmeniň abraýy has beýge galsyn,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

Arkadag bagyş etdi bagy-bossany,
Serdarymyz gülledip ýör Watany,
Hasyl bolsun tutan maksat-myrady,
Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

***Abat ATAKAÝEWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň elektron serişdeleriniň operatory.***



# TÄZE UNIWERSITET – GELJEKKI ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

*Bilim we ylym ulgamynyň toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň pudaklary üçin kämil hünärmenleriň taýýarlanmagy hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. 27-nji iýunda döwlet Baştutanymyzyň Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetini döretmek hakynda Permana gol çekmegi hem ýurdumyzyň ykdysadyýetinde möhüm paýy bolan hususy pudagy ösdürmek babatda durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işleriň rowaçlanmagyna goşant goşjak hünärmenleri taýýarlamakda täze sahypany açdy.*



*Kämil hünärmenler — döwletiň daýanjy*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli hususyýetçilik pudagy hil taýdan täze taryhy tapgyra gadam basdy. Telekeçiligi yzygiderli ösdürmek bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti kemala getirmegiň möhüm şertleriniň biridir. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça başy başlanan strategiýany yzygiderli durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hemişe Watanymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmakda, täze senagat önümçiliklerini döretmekde, azyk bolçulygyny pugtalandyrmakda wajyp orny eýeleýän hususy pudagy ilerletmegiň zerurdygyny nygtaýar.

Bazar gatnaşyklaryny pugtalandyrmak syýasatyny alyp barmak bilen, Türkmenistan amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertlerini döredip, telekeçilik işini hemmetaraplaýyn höweslendirýär. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda degişli kanunlar kämilleşdirilýär, netijeli býujet, salgyt, bank syýasatlary durmuşa geçirilýär. Döredilýän mümkinçilikler we ýeňillikler netijesinde türkmen telekeçileri ýyl-ýyldan täze iş ugurlaryny özleşdirýärler, daşary ýurtlaryň






öňdebaryjy tejribesini içgin öwrenýärler, işewür hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary ýola goýýarlar hem-de Türkmenistany kuwwatly, senagat taýdan ösen döwlete öwürmäge mynasyp goşant goşýarlar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň döredilmegi taryhy ähmiýetli wakadyr. Bu ýokary okuw mekdebi röwşen geljegimiziň eýeleri bolan ýaşlarymyzyň senagatçylyk we telekeçilik işini düýpli özleşdirip, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, önümçilik işini ylmy esasda guramaga we ýokary hilli alyp barmaga ukyply işewürler, Watanymyza wepaly raýatlar bolup ýetişmegine ýardam eder. Häzirki wagta çenli ýurdumyzda telekeçileri taýýarlamak işi diňe işewürlik mekdepleriniň derejesinde amala aşyrylýardy. Ýöriteleşdirilen halkara uniwersitetiň döredilmegi bolsa, bu ugurdaky işleri düýbünden täze derejä çykarmaga mümkinçilik berer.



Uniwersitet häzirki zaman talaplaryna laýyklykda gurlan, 8 gektar meýdandaky kampusda ýerleşýär. Binagärlik konsepsiýasy giň göwrümliligi we amatlylygy özünde jemleýär: onda alty gatly dört okuw binasy, her biri 300 orunlyk iki talyp ýaşaýyş jaýy, dokuz gatly dolandyryş binasy, maslahatlar zallary, kitaphana, mejlisler zaly, sport bölümi, açyk dynç alyş zolaklary we talyplaryň taslama işleri üçin ýörite meýdançalar bar.

Täze uniwersitetiň düzüminde alty fakultet göz öňünde tutulýar, ýagny uniwersitetde işewürligiň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy, sanly tehnologiýalar, bi-



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de durnukly ösmegi hususy tarapyň işjeňleşmegi bilen bagly bolup durýar.**

nagärlik-gurluşyk işewürligi, oba hojalygynyň işewürligi, hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetleri hem-de dil öwreniş bölümi bar. Bu fakultetleriň ählisi hususy pudagyň möhüm ugurlaryny öz içine alýar. Şu ýyl bu ýokary okuw mekdebine 500 talyp okuwa kabul edildi we okuwlar halkara ölçeglerine laýyklykda taýýarlanan meýilnamalara görä geçirilýär. Taýýarlyk ugurlary 15-den gowrak talap edilýän hünäri öz içine alýar.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň bellenilýän ýylynda döwrebap ýokary okuw mekdepleriniň ýene biri ýurdumyzyň bilim ojaklarynyň üstüni ýetirdi. Türkmen halky hemişe ylym-bilime uly hormat-sarpa goýup, ony tükeniksiz hazyna deňäpdir. Geçmişde Diýarymyzda kemala gelen döwletlerde zamanasynyň iň kämil ylym-bilim ojaklary gurlup, olarda adamzat siwilizasiýasynyň ösmegine goşant goşan işler bitirilipdir. Häzirki berkarar döwletimizde hem ylym-bilim jemgyýetimiziň ösüşiniň esasy şerti hökmünde kabul edilýär. Täze ýokary okuw mekdebiniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ulanmaga berilmeginde-de özboluşly many bar. Çünki işewürlik we söwda-ykdysady gatnaşyklar ähli döwürlerde halkara gatnaşyklaryň berkemeginde, dost-doganlygyň pugtalanmagynda ähmiýetli bolupdyr. Bu gün hem hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda hemişelik Bitarap döwletimiz parahatçylyk we ynanyşmak düşünjelerini ykdysady ösüş bilen baglanyşdyryp, halkara işewür hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň senagatçylaryna we telekeçilerine giň mümkinçilikleri döredýän, ýurdumyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy. Eziz Watanymyzyň abraýynyň barha artmagy ugrunda ýadawsyz aladalanýan Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

*«Türkmenistanyň senagaty».*



# ENERGETIKA PUDAGYNYŇ DÖWREBAP BILIM DESGALARY AÇYLDY

Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan bilim özgertmeleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde milli bilim ulgamy ösüşiň täze derejesine çykaryldy. Diýarymyzyň çar künjeginde döwrebap bilim edaralary gurlup ulanmaga berlip, bar bolanlarynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Döredilýän şeýle amatly mümkinçilikleriň esasynda ýurdumyzda ýokary aň-düşünjeli, döwrebap bilimli, watansöýüji ýaş nesil kemala gelýär.

Ulanmaga berlen täze desgalar hem ýurdumyzyň elektroenergetika pudagy üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda bar bolan mümkinçilikleriň üstüni ýetirýär.

Institutyň täze desgalarynyň gurluşygy Energetika ministrliginiň buýurmasy esasynda «Röwşen» hususy kärhanasy tarapyndan ýerine ýetirildi. Ulanmaga berlen desgalaryň hatarynda 2 müň orunlyk täze goşmaça okuw binasy, 800 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýy, ýapyk görnüşli sport desgasy bar. Goşmaça okuw binasynda her biri 50 we 80 orunlyk umumy okuw otaglarynyň 18-si, 28 sany amaly okuw otagy, 6 kompýuter, 6 lingafon otagy, 57 sany okuw-tejribehana otagy ýerleşdirilendir. Bulardan başga-da, bu ýerde «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi, muzeý, ýaş alymlar otagy, kitaphana, elektron kitaphana, uly we kiçi IT meýdançalary, kibersport otagy, robot tehnikasy we emeli aň okuw otagy, 500 orunlyk mejlisler jaýy, kiçi mejlisler jaýy, döredijilik merkezi hereket edýär.

Tejribehanalardyr okuw otaglary dünýäniň iň kämil okuw enjamlary, kompýuterler bilen enjamlaşdyrylandyr. Tejribe otaglarynda ornaşdyrylan Germaniýanyň, Ispaniýanyň, Italiýanyň, Hytaýyň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlary elektroenergetika degişli okuwlary amaly şertlerde geçmek üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

Täze okuw binasynda tebigy serişdelerden we gaýta-



**Ýurdumyzda giňden bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününde Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze goşmaça okuw binasynyň, umumy ýaşaýyş jaýynyň, sport desgasynyň hem-de aýlawly ýoluň ugrundaky «Täze kuwwat» binasynyň açylyş dabarasy boldy. Baýramçylyga we talyp ýaşlara ajaýyp sowgat bolan bu desgalar ýurdumyzyň energetika pudagynyň binýadynyň yzygiderli pugtalandyrylýandygynyň nobatdaky güwäsi boldy. Çärede hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli iberen Gutlagynyň okalmagy dabaranyň täsirini has-da artdyrdy. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, bilim ähli ösüşlerimiziň, bagtyýarlygymyzyň we abadançylygymyzyň binýady, beýik geçmişimiziň hem-de geljegimiziň röwşen ýoludyr.**

dan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden netijeli peýdalanýan ulgamlar döredilipdir. Bu ýerde ýagyş suwy ýörite howuzlarda toplanyp, arassalanyp, institutyň çägindäki baglary suwarmak üçin peýdalanylar. Binanyň üçeginde kuwwaty 132 kilowata deň bolan Gün panelleri oturdylandyr. Ol Gün energiýasyny elektrik energiýasyna öwürmek arkaly binanyň ýşyklandyrylyşynda sarp ediljek ekologik taýdan arassa energiýa çeşmesini öndürer.

Institutyň täze okuw binasyna ýanaşyk ýerdäki aýlawly ýoluň ugrunda gurlan monument toplumy «Täze kuwwat» diýlip atlandyrylýar. Ol kuwwaty 30 kilowata deň bolan ýel elektrik stansiýasyny we kuwwaty 15 kilowata deň bolan Gün elektrik stansiýasyny özünde jemleýär. Ýel we Gün elektrik beketleriniň öndürýän elektrik energiýasy binanyň töweregindäki ýşyklandyryş ulgamy üçin sarp edilýär.

Çäräniň dowamynda halkara guramalarynyň täze desgalaryň ýokary halkara ölçeglere laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamalary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Şeýle hem binanyň mejlisler jaýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Buýrugyna laýyklykda, Döwlet energetika instituty bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Klaustal tehnologiýa uniwersitetiniň hem-de bu ýurduň Martin Lýuter adyndaky Galle-Wittenberg uniwersitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara gol çekmek dabarasy geçirildi.

Dabaranyň ahyrynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň professor-mugallymlary we ruhubelent talyplary açylyp ulanmaga berlen döwrebap desgalar üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza egsilmez alkyşlaryny beýan etdiler.

***Gadam AKMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Diller kafedrasynyň müdiri, Mary şäher Halk Maslahatynyň agzasy.***






# IL SAGLYGY – ÝURT BAÝLYGY

**Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, lukmançylyk edaralarynyň işini kämilleşdirmek, ilata hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak bilen bagly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanylýar. Halkymyzyň saglygy we abadançylygy hakyndaky ählitaraplaýyn alada hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan durmuş ugurly syýasatyň özenini düzýär. Bu wezipeler köpugurly maksatnamalaryň çäklerinde ýerine ýetirilýär.**

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu ýylyň 18-nji iýulynda sanly ulgam arkaly geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde degişli ýolbaşçylara «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli guraljak çärelere gowy taýýarlyk görmek we olary ýokary derejede geçirmek baradaky beren tabşyryklaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň ähli ýerinde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasy hereketde» atly maslahatlardyr aýdym-sazly dabaralar ýokary guramaçylykly geçirildi. Şanly senäniň şanyna guralan dabaralarda zähmetde aýratyn tapawutlanan saglygy goraýyş işgärlerine hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy hem-de tagallasy bilen işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegine 30 ýyl doldy. Bu döwürde maksatnamadan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde saglygy goraýyş ulgamynda ägirt uly ösüşler gazanyldy. Ulgamyň ähli düzümlerine

*«Saglyk» Döwlet maksatnamasyna — 30 ýyl!*



häzirki zamanyň ösen tejribesi we döwrebap tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Bu bolsa lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary halkara görkezijilere laýyk gelmegini şertlendirýär.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde, paýtagtymyzda we Arkadag şäherinde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmegi, keselleriň öňüni almak boýunça döwlet tarapyndan amala aşyrylýan toplumlaýyn çäreler oňyn netijelerini berýär. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, paýtagtymyzda hem-de Arkadag şäherinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän saglyk merkezleri gurlup ulanmaga berildi.

Ösüşimiziň iň guwandyryjy we iri üstünlikleriniň birine öwrülen bu maksatnamany durmuşa geçirmegiň ilkinji tapgyrlarynda saglygy goraýşa täze özgertmeler ornaşdyryldy, milli derman senagatynyň binýady berkidildi, döwrebap şypahana-dynç alyş ulgamy döredildi. Bu maksatnamany amala aşyrmagyň esasy tapgyrlary belli döwürleri öz içine alyp, ilki bilen, şol döwre niýetlenen wezipeleri çözmäge gönükdirildi. Ynsan saglygyny goramaga tutuş döwletiň we jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bilelikde gatnaşmagynyň möhümdigi ilkinji orna çykaryldy. Raýatlaryň saglygyny ömrüň ähli tapgyrlarynda goramak, olaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça maksatnamalar we meýilnamalar yzygiderli esasda amala aşyryldy.

2021-nji ýylyň 26-njy martynda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň rejelenen görnüşiniň hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin meýilnamasynyň kabul edilmegi saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek ugrundaky işleriň yzygiderli häsiýete eýedigini görkezýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak we bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen, sebitde deňi-taýy bolmadyk iri saglyk desgalarynyň onlarçasy guruldy, olaryň sany ýylsaýyn artýar. Maksatnamada saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak, olaryň hünär derejelerini üznüksiz kämilleşdirmek baş wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe köpugurly «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzda abraýly halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barlyp, degişli düzümler bilen bilelikdäki taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Adamlaryň saglygyny goramak, derman senagatyny ösdürmek, şypahana düzümlerini döwrebaplaşdyrmak barada mydama alada edýän hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň il-ýurt bähbitli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Sülgün SULTANMYRADOWA,***
***Aşgabat şäheriniň 2-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany.***



# NOUTBUK KOMPÝUTERLERI – KÖRPELERE AJAÝYP SOWGAT

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dabaraly bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününde Türkmenistanda ak mekdebe ilkinji gezek gadam goýup, 1-nji synpa okuwa barýan bagtyýar körpelere hormatly Prezidentimiziň adyndan noutbuk kompýuterleriň sowgat berilmegi ajaýyp däbe öwrüldi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, Bilimler we talyp ýaşlar gününe gabatlanyp, bilimler dünýäsine ilkinji gadamyny basýan körpelerimize ýadygärlik sowgat hökmünde «Bilimli» atly kompýuterleriň gowşurylmagy, eziz Diýarymyzyň obadyr şäherlerinde täze, döwrebap orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň dabaraly açylmagy bilim ulgamynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda ösýändigine, bu ugurda üstünlikleriň gazanylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.***

Ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk we hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýlaryna uly üstünliklere beslenip barýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uly ruhubelentlik bilen bellenilen Bilimler we talyp ýaşlar güni talyp ýaşlarymyza, bagtyýar çagalarymyza, olaryň ene-atalaryna iň bir ýatda galyjy pursatlary bagyş etdi. Aýratyn-da bilim ojagyna ilkinji gezek barýan körpeler üçin ol gün has üýtgeşik boldy, olaryň şatlygyny, buýsanjyny has-da artdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu ýylyň 22-nji martynda gol çeken kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Bilim ministrligine öz ýurdumyzda öndürilen 137 müň 54 sany noutbuk kompýuterlerini satyn almak, 1-nji awgusta çenli bilim edaralarynda gurnamak hem-de olara tehniki taýdan hyzmat etmek barada «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhanasy, şeýle-de «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi. Şondan bäri geçen döwrüň dowamynda bu ugurda depginli işler alnyp barlyp, degişli wezipeler do-

ly ýerine ýetirildi. Döwür bilen aýakdaş gitmegi maksat edinip, döwrebaplyga we täzeçillige, ylmyň gazananlaryna esaslanýan şeýle işleriň milli hünärmenlerimiz tarapyndan ýerine ýetirilýändigi hem-de uly üstünliklere beslenýändigi örän guwandyryjydyr.

Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň bilelikdäki «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti hem-de Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Kompýuter tilsimaty merkeziniň «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhanasy berkarar döwletimizde sanly ulgamy ornaşdyrmaga hem-de elektron senagatyny ösdürmäge mynasyp goşant goşýarlar. Olar ýurdumyzda innowasion kompýuter enjamlarynyň önümçiligini ýola goýan ilkinji kärhanalaryň hatarynda durýar. 2025-2026-njy okuw ýylynda 1-nji synpa okuwa barýan çagalara sowgat beriljek «Bilimli» haryt nyşanly noutbuk kompýuterleriň 68527 sanysy «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti we 68527 sanysy hem «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhana tarapyndan öz wagtynda öndürildi. Ilkinji nobatda, bu kompýuterleriň nusgalarynyň taýýarlanylyp, olaryň tehniki häsiýetnamalarynyň degişli ministrlikler tarapyndan seljerilendigini we hil standartlary baradaky kepilnamalaryň alnandygyny bellemek gerek.

Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň bilim ojaklaryna paýlanylan hem-de 1-nji synpa okuwa barýan okuwçylara hormatly Prezidentimiziň adyndan gowşurylan noutbuklaryň operasion ulgamy geçen ýyl «Android 14.0+Google service» bolan bolsa, bu ýyl ol «Android 14.0+Google service» ulgamyna çenli ýokarlandyryldy. Kompýuterleriň operatiw ýady hem DDR4 4 Gb-dan DDR4 6 Gb-da çenli artdyryldy. Şeýle-de olaryň tor enjamlary barada aýdylanda, geçen ýyl ol Wi-Fi 802. 11b/g/n we Bluetooth 4.0 bolan bolsa, bu ýylky noutbuklarda Wi-Fi 802. 11b/g/n +BT we Bluetooth 4.0 görnüşdedir. Kompýuterlere türkmen, iňlis hem-de rus dilleri girizilip, olarda okuw maksatnamasyna degişli ähli zerur bolan öwrediji programmalaryň birnäçesi ýerleşdirildi.

Häzirki döwürde ýurdumyzda ýaş nesliň döwrebap bilim-terbiýe almagy, ýaşlaryň innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarmagy boýunça maksatnamalaýyn işler giň gerimde alnyp barylýar. Indi köp ýyldan bäri Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan körpelere noutbuk kompýuterleriniň sowgat berilmegi ýaş nesillerimiziň döwrebap bilim-terbiýe almagy we innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, giň gözýetimli adamlar bolup ýetişmegi üçin amatly şertleriň döredilýändigini tassyklaýar.

***Allaberdi BAGŞYÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Senagat müdirliginiň başlygy.***



# НАКОПЛЕНИЕ БИОМАССЫ МИКРОВОДОРОСЛЕЙ В ПИТАТЕЛЬНОЙ СРЕДЕ НА ОСНОВЕ ДРЕНАЖНОЙ ВОДЕ

Туркменистан, будучи экономически развивающейся страной, придает большое значение использованию возобновляемых источников энергии (ВИЭ), в том числе и биоэнергетике. Для развития биоэнергетики целесообразно использовать биоэнергетическое сырье на основе местных ресурсов. С целью получения биоэнергии, разработка технологии выращивания микроводорослей на основе использования дренажных вод крайне важна и имеет огромные перспективы для развития ВИЭ в Туркменистане. В качестве питательной среды для выращивания микроводорослей используется дренажная вода образованная орошаемых площадях Туркменистана [1]. В перспективе комплексное использование биомассы микроводоросли рекомендуется использовать в качестве источника сырья для производства энергоносителей [2]. Энергетическое сырье из микроводорослей окажет положительное воздействие на окружающую среду и продовольственную безопасность, по сравнению с масличными культурами. Для энергетических целей использование коллекторно-дренажных вод при выращивании микроводорослей позволяет существенно уменьшить дефицит водных ресурсов и улучшить состояние окружающей среды путем утилизации загрязняющих веществ имеющейся в составе дренажных вод. В связи с этим технология выращивания микроводорослей в дренажной воде является одной из ключевых направлений на пути широкомасштабного использования микроводорослей в качестве возобновляемого биоэнергетического ресурса и повторное использование минерализованных дренажных вод.

Территория Туркменистана характеризуется тёплым засушливым климатом с большим числом ясных дней, высокой температурой воздуха и отсутствием продолжительных заморозков. В течении 5-6 месяцев в году климат благоприятен для культивирования микроводорослей как по светообсспечению, так и по температуре, причем по светообсспечению он благоприятен в течение 9-10 месяцев. В условиях аридного климата формируется значительное количество коллекторно-дренажных вод в орошаемых полях страны. Объём используемых в настоящее время коллекторно-дренажных вод незначителен, хотя в Туркменистане проведены многочисленные и

многолетние исследования и разработаны рекомендации по использованию этих вод для орошения солеустойчивых кормовых культур [3].

Для определения жизнеспособности микроводорослей в питательной среде на основе дренажных вод заложен эксперимент в лабораторных условиях. Для определения физико-химических характеристик различных питательных сред быль использован кондуктометр. Были определены основные четыре параметра, а именно водородный показатель pH, электропроводность, соленость и окислительно-восстановительный потенциал суспензии микроводорослей. Электропроводность суспензии микроводорослей коррелируется ростом и развитием клетки водорослей. Электропроводность суспензии микроводорослей как биологическая система увеличивается при увеличении число клеток [5]. Окислительно-восстановительный потенциал суспензии микроводорослей уменьшается при синтезировании биологических ценных веществ за счет загрязняющих веществ содержащихся в составе дренажных вод. К измеряемым параметрам влияет численность микроорганизмов в дренажной воде и концентрация в ней их метаболитов. При росте и размножении в питательной среде на основе дренажной воды микроорганизмы продуцируют высоко заряжённые ионные метаболиты, что приводит к изменению электрохимических свойств питательной среды.

Микроводоросли довольно требовательны к условиям культивирования, уровню освещения, составу питательной среды, концентрации углекислого газа, механическому перемешиванию, что в значительной мере препятствует их эффективному выращиванию.

В данной научной работе эксперимент был проведён в трёх вариантах с различными электропроводностями дренажной воды в лабораторных условиях. Условия культивирования были одинаковы (таблица-1).

**Таблица-1. Результаты измерений**

| Дата | 1 | | | 2 | | | 3 | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | mS | DS | mV | mS | TDS | mV | mS | TDS | mV |
| 12.мар | 2,93 | 2,59 | 113 | 4,9 | 6,15 | 108 | 6,2 | 7,8 | 109 |
| 19.мар | 3 | 3,7 | 160 | 5,11 | 6,39 | 105 | 6,12 | 7,9 | 108 |
| 26.мар | 3,2 | 3,9 | 133 | 5,37 | 6,72 | 132 | 6,6 | 8,3 | 103 |
| 02.апр | 3,39 | 4,17 | 124 | 5,7 | 7,15 | 131 | 6,9 | 8,8 | 105 |
| 09.апр | 3,5 | 4,3 | 103 | 5,92 | 7,5 | 96 | 7,2 | 9,1 | 105 |

Анализ результатов исследований показал, что первоначальное значение электропроводности питательной среды для культивирования влияет на интенсивность роста клеток микроводорослей по-разному, чем выше первоначальное значение электропроводности питательной среды, тем больше угловой коэффицент линии тренда электропроводности питательного раствора. Высокий уровень роста сохраняется по мере роста концентрации питательной среды.




Схема-1. Динамика изменения электропроводности питательного раствора

**Заключение.**

Практическая значимость производства биомассы микроводорослей представляет собой утилизацию дренажных вод, сформированных на орошаемых полях и трансформация возобновляемой энергии с целью получения энергетического сырья.

В связи с наличием достаточного количества ресурсов наиболее перспективным направлением развития сырьевой базы в биоэнергетике Туркменистана является выращивание микроводорослей в дренажных водах.

Преимущества выращивания микроводорослей в дренажных водах объясняются тем, что они не наносят вреда продовольственной безопасности, размножаются в 15-20 раз быстрее, чем другие растения, дешевле в переработке, так как не имеют твердой оболочки, не оказывают вредного воздействия на окружающую среду.

Список использованной литературы.

1. Национальная стратегия Туркменистана об изменению климата. Ашхабад, 2019 год.

2. Курнакова Н. Ю., Католиченко Д. С., Сухарев О., Волхонский А. А. Анализ развития производства биоэнергетического топлива // Фундаментальные исследования – 2016. – № 9-2. – С. 268-272.

3. Эсенов П. Проблемы деградации земель и некоторые пути их решения. //
Международный научно-практический журнал «Проблемы освоения пустынь» 2006, №4.

4. Рекомендации по использованию минерализованных вод для орошения кормовых культур в Туркменской ССР. - Ашхабад, 1982.

5. О. А. Степанова, П. В. Гайский. Динамика изменений электрической проводимости морской воды под влиянием биотической составляющей в условиях эксперимента. Журнал системы контроля окружающей среды.
Номер: 11 (31) Год: 2018 Страницы: 48-56. УДК: 578.4(262.5); 681.3.06

***Мяхрибан ОРАЗБЕРДИЕВА***
***Научный сотрудник научно-производственного центра «Возобновляемые источники энергии» Государственного энергетического института Туркменистана***

***Гулджахан ДЖУМАДУРДЫЕВА***
***Студенка Государственного энергетического института Туркменистана***

# ÝOD WE BROMLY SENAGAT, UGURDAŞ HEM GATLAK SUWLARYNYŇ DYKYZLYKLARYNYŇ HIMIKI DÜZÜMLERINE WE TEMPERATURA BAGLYLYGYNY ÖWRENMEK

Türkmenistanyň çig mal baýlyklarynyň biri hem ýod we brom saklaýan senagat suwlarydyr. GDA girýän ýurtlarda Türkmenistan ýod öndürmek boýunça öňdäki orny eýeleýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ýod we brom zawodlary bir ýylda 800 tonnadan gowrak ýod öndürýär. Emma ýod öndürmegiň bu möçberi ýurdumyzyň mümkinçiliklerine gabat gelmeýär. Şunuň bilen baglylykda hormatly Prezidentimiz tarapyndan biziň ýurdumyzda ýod önümçiligini ösdürmäge uly üns berilýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda [1] Türkmenistanda ýoduň öndürilişini 2020-nji ýylda 1515 tonna ýetirmek göz öňünde tutulypdy. Milli maksatnamada meýilleşdirilen ýoduň mukdaryny öndürmek üçin häzirki hereket edýän önümçilik kärhanalarynyň we olaryň çig mal binýatlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, täze ýokary netijeli innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, şeýle hem täze känleriň özleşdirilip, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar.

Ýoduň we bromuň senagat suwlaryndan howa desorbsiýasy, ion çalyşma we beýleki usullar bilen alnyşynyň tehnologik hasaplamalaryny geçirmek üçin, ýodbromly suwuň fiziki-himiki häsiýetleri bolan dykyzlygynyň görkezijileri zerurdyr.

Erginleriň dykyzlygyny kesgitlemegiň birnäçe usulyýetleri bar. Işde areometriki we piknometriki usullar [2] peýdalanyldy.

Türkmenistanyň ýodbromly ýataklarynyň senagat suwlarynyň dykyzlyklary 20, 25, 40,50,550C temperaturalarda öwrenildi. Ýodbromly senagat suwlaryň temperaturasy 200C-dan 550C çenli ýokarlananda olaryň dykyzlyklarynyň peselýändigi anyklanyldy.

Seýitkärderi ýatagynyň senagat suwunyň dykyzlygynyň temperatura baglylygy şu aşakdaky görnüşdäki empiriki deňleme arkaly ýazyldy:

$\rho = A + B/T$

bu ýerde, ρ-senagat suwunyň dykyzlygy, kg/m3; T- senagat suwunyň temperaturasy, oK.

Tejribeler netijesinde alnan maglumatlary iň kiçi kwadratlar usuly bilen işläp (1) deňlikdäki A we B koeffisiýentleriň şu aşakdaky bahalary tapyldy:

A=920,194, B=27844,52 18-nji guýynyň ýodly suwy üçin;
A= 917,243, B=28791,88 $6^a$ -njy guýynyň ýodly suwy üçin.

Ýodly suwlaryň dykyzlygy (1) empiriki deňleme boýunça hasaplananda goýberilýän ortaça ýalňyşlyk 0,1%-den geçmeýär (1-nji tablisa), şu sebäpli, bu empiriki modeli öwrenilen temperatura aralygynda ulanmak mümkin.

*1-nji tablisa*

**Seýitkärderi ýatagynyň ýodly senagat suwunyň dykyzlygynyň temperatura baglylygy**

| t , $^0$ C | Dykyzlyk, ρ , kg/m3 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | № 18 –nji guýy | | | № 6$^a$ -njy guýy | | |
| | Tejribe bahalary | Hasaplama bahalary | Otnositel ýalňyşlyk,% | Tejribe bahalary | Hasaplama bahalary | **Otnositel ýalňyşlyk,%** |
| **20** | 1014,5 | 1015,227 | 0,071 | 1015,0 | 1015,227 | **0,022** |
| **25** | 1014,0 | 1013,632 | 0,036 | 1014,0 | 1013,632 | **0,036** |
| **40** | 1010,0 | 1009,154 | 0,084 | 1010,0 | 1009,154 | **0,083** |
| **50** | 1007,0 | 1006,400 | 0,059 | 1007,0 | 1006,400 | **0,059** |
| 55 | **1004,0** | **1005,086** | **0,108** | **1004,0** | **1005,086** | **0,108** |

Seýitkärderi ýatagynyňky ýaly beýleki ýataklaryň hem suwlarynyň dykyzlyklary dürli temperaturalarda kesgitlenildi. Temperaturanyň ýokarlanmagy bilen senagat, ugurdaş we gatlak suwlarynyň dykyzlyklary peselýär. Öwrenilen ýataklaryň içinde iň ýokary dykyzlyga Hazar ýatagynyň senagat suwlary, iň pes dykyzlyga bolsa Guýular ýatagynyň senagat suwlary eýedirler.

Öwrenilen ýataklaryň ýod we bromly suwlarynyň dykyzlyklarynyň temperatura baglylygy (1) –nji görnüşdäki empiriki deňleme arkaly ýazyldy. Tejribeler netijesinde alnan maglumatlary iň kiçi kwadratlar usuly bilen işlenip (1) deňlikdäki A we B koýeffisiýentleriň (2) –nji tablisada getirilýän bahalary tapyldy.

Ýod we bromly suwlaryň dykyzlygy (1) empiriki formula boýunça hasaplananda goýberilýän ortaça ýalňyşlyk 0,05 %-den geçmeýär, şu sebäpli bu empiriki modeli öwrenilen temperatura aralygynda ulanmak mümkindir.

*2-nji tablisa*

**Senagat suwlarynyň dykyzlygynyň temperatura baglygyny aňladýan (1)-nji empiriki deňlemäniň A we B koeffisiýentleriniň bahalary**

| Ýatagyň ady | Koeffisiýentleriň bahalary | | otnositel ýalňyşlyk, % |
|---|---|---|---|
| | A | B | |
| **Hazar** | 1022,54 | 37671,53 | **0,079** |
| **Balkanabat-Monjukly** | 999,016 | 34307,1 | **0,02** |
| **Boýadag** | 986,895 | 40105,0 | **0,05** |
| **Seýitkärderi 18-nji guýy** | 920,194 | 27844,52 | **0,07** |
| **Seýitkärderi 6a-njy guýy** | 917,243 | 28791,88 | **0,06** |
| **Guýular** | 843,823 | 51226,71 | **0,19** |
| **Döwletabat** | 911,710 | 32591,38 | **0,024** |
| **Barsagelmez** | 966,1962 | 30418,131 | **0,055** |
| **Goturdepe** | **903,6878** | **42473,75** | **0,046** |

Görnüşi ýaly dürli ýataklaryň suwlary üçin A we B koeffisiýentleriň bahalary dürlidir. Şol sebäpli suwlaryň duz düzümleriniň olaryň dykyzlygyna uly täsiriniň bardygy barada netije çykarmak mümkin. Senagat suwlaryny esasan dört düzüm bölekli Na+, Ca2+, Mg2+/Cl- -H2O ulgam hökmünde kabul etsek, onda suwlaryň dykyzlygyna, onuň duz düzüminiň we umumy minerallaşmasynyň täsiri aşakdaky empiriki deňleme bilen hasaba alnyp bilner

ρ = A + B*t+b1[Cl-]+b2[Ca2+]+b3[Mg2+]+ b4[Mg2+]2 (2)

bu ýerde : A, B, b1-b4 –koeffisiýentler; ρ – senagat suwunyň dykyzlygy, kg/m3; t-temperatura 0C.

Senagat, ugurdaş, gatlak suwlarynyň dykyzlyklarynyň olaryň düzümine we umumy minerallaşmalaryna baglylygyny (2)-nji empiriki deňleme bilen aňlatmak üçin, Türkmenistanyň öwrenilen ýataklarynyň ýod we bromly suwlarynyň himiki düzümlerini esasan dört düzüm bölekli Na+, Ca2+,Mg2+/Cl- -H2O ulgam hökmünde kabul edildi we ionlaryň konsentrasiýasy görnüşinde (3)-nji tablisada getirilýär.

*3-nji tablisa*

**Senagat, ugurdaş, gatlak suwlarynyň duz düzümi**

| Ýatagyň ady | Cl-, g-ion/l | $Ca^{2}$+, g-ion/l | $Mg^{2}$+, g-ion/l | Umumy minerallaşma, g/l |
|---|---|---|---|---|
| Hazar | 4,1 | 0,424 | 0,107 | 240,8 |
| Balkanabat-Monjukly | 3,645 | 0,317 | 0,066 | 226,0 |
| Boýadag | 3,176 | 0,254 | 0,057 | 182,4 |
| Seýitkärderi 18-nji guýy | 0,444 | 0,0045 | 0,023 | 28,07 |
| Seýitkärderi 6a-njy guýy | 0,469 | 0,0095 | 0,0097 | 28,88 |
| Guýular | 0,406 | 0,0085 | 0,0041 | 25,6 |
| Döwletabat | 0,608 | 0,0324 | 0,0078 | 35,3 |
| Barsagelmez | 1,773 | 0,154 | 0,0494 | 103,4 |
| Goturdepe | 1,343 | 0,075 | 0,077 | 76,6 |

(3)-nji tablisada ýod we bromly suwlaryň duzlarynyň ortaça mukdarlary getirildi. Senagat suwlarynyň dykyzlygy boýunça alynan tejribe maglumatlary we duz düzümi boýunça (3)-nji tablisada getirilen maglumatlary iň kiçi kwadratlar usuly bilen işläp (2) –nji deňlemäniň näbelli koeffisiýentleri tapyldy:

A=1005,341; B=-0,2985; b1=37,214; b2=-9,044; b3=74,616 ; b4=-683,081

Senagat suwlarynyň dykyzlyklaryny (2)-nji deňleme boýunça hasaplamagyň maksada laýyklygyna, ýagny bu modeliň adekwatlygyna Fişeriň kriteriýasy [3] boýunça baha berildi:

$$F=\frac{S_{or}^2}{S_{ad}^2} \quad (3),$$

bu ýerde $S_{or}^2$ - ortaça baha görä dispersiýa, $S_{ad}^2$ - adekwatlylyk dispersiýasy:

$$S_{or}^2=\frac{\sum_{i=1}^{n}(\rho_i-\rho_{or})^2}{n-1} \quad (4),$$

$$S_{ad}^2=\frac{\sum_{i=1}^{n}(\rho_i^{tej}-\rho_i^{has})^2}{n-1} \quad (5)$$

Ýod we bromly senagat suwlarynyň dykyzlyklarynyň (3)-nji tablisada getirilen.

tejribe we (2)-nji deňleme boýunça hasaplanylan bahalarynyň esasynda $S_{or}^2$ we $S_{ad}^2$ hem-de F hasaplanyldy.

$$F=2885,817/16,411=175,844$$

Fişeriň kriteriýasynyň degişli tablisa bahasy [3] edebiýatdan alyndy, Ftab=1,624 deň we F⊠Ftab deňsizligiň ýerine ýetýänligi sebäpli, (2) –nji deňleme bilen aňladylýan matematiki modeli senagat, ugurdaş we gatlak suwlarynyň dykyzlyklaryny hasaplamak üçin ulanmak maksada laýykdyr. Ol model tejribe maglumatlaryna adekwatdyr (kybapdaşdyr).

Ýod we bromly senagat, ugurdaş we gatlak suwlarynyň dykyzlyklary (2)-nji empiriki deňleme boýunça hasaplanylanda goýberilýän ortaça ýalňyşlyk 0,26 % -den geçmeýär, şu sebäpli bu empiriki modeli öwrenilen temperatura we ionlaryň hem-de duzlaryň konsentrasiýalarynyň çäklerinde ulanmak mümkindir.

**EDEBIÝAT:**

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» //Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy - 2010. -№5.- s.19-397.

Резников А. А., Муликовская Е. П., Соколов И. Ю. «Методы анализа природных вод» Изд-во «Недра» М., 1970, с.267-269.

Ахназарова С. Л., Кафаров В. В. Методы оптимизации эксперимента в химической технологии. Москва, 1985, с. 327

***Otuzbaý GELDIÝEW,***
***«Senagattaslama» taslama institutynyň «Gurluşyk materiallarynyň tehnologiýasy» bölüminiň başlygynyň orunbasary, tehniki ylymlaryň kandydaty.***

***Döwran BEGDULLAÝEW,***
***«Senagattaslama» taslama institutynyň direktory***

***Serdar GELDIÝEW,***
***Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara Nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.***

**О. ГЕЛЬДЫЕВ, Д. БЕГДУЛЛАЕВ, С. ГЕЛЬДЫЕВ**

## ИЗУЧЕНИЕ ЗАВИСИМОСТИ ПЛОТНОСТИ ПРОМЫШЛЕННЫХ, ПОПУТНЫХ И ПЛАСТОВЫХ ЙОД И БРОМ СОДЕРЖАЩЕЕСЯ ВОД ОТ ИХ ХИМИЧЕСКОГО СОСТАВА И ТЕМПЕРАТУРЫ

В статье приведены экспериментальные данные по плотности промышленных, попутных и пластовых йод и бром содержащееся вод Туркменистане. Получены эмпирические уравнения для расчета плотности йод и бром содержащееся вод, показана их адекватность экспериментальным данным.

**O. GELDIYEV, D. BEGDULLAYEV, S. GELDIYEV**

## STUDY OF THE DEPENDENCE OF THE DENSITY OF INDUSTRIAL, ASSOCIATED AND FORMATION WATERS CONTAINING IODINE AND BROMINE ON THEIR CHEMICAL COMPOSITION AND TEMPERATURE

The article presents experimental data on the density of industrial, associated and formation iodine and bromine contained in the waters of Turkmenistan. Empirical equations for calculating the density of iodine and bromine containing waters are obtained, their adequacy to experimental data is shown.

# MAZMUNY
# СОДЕРЖАНИЕ
# CONTENTS


1 **A. JUMADOW** – Garaşsyzlyk — bagtyýar döwrümiziň senasy...

5 **G. TAGANDURDYÝEWA** – Halk maslahaty — agzybirligiň we jebisligiň nyşany

8 Ak alkyşlar Arkadagly Serdara

12 **D. ARTYKOW** – BMG-niň Awaza forumy: hyzmatdaşlyk arkaly ösüş

15 **B. MEŇLIÝEW** – Täze mümkinçilikleriň maýa goýum forumy

18 **K. AMANOW** – Täze döwrebap senagat desgasy işe girizildi

22 **G. GURBANOWA** – Parahatçylyk umumadamzat gymmatlygy

24 **Y. HALLYÝEWA** – Nesilleriň müdimilik mekdebi

26 **B. BÄŞIMOW** – Bagta uzaýan ak ýollar

28 **G. NAZAROW** – Aşgabat — seýilgähler şäheri

30 **«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»** – Döwrebap awtobuslar halkyň hyzmatynda

32 **Ş. HOJAGELDIÝEW** – Ýaşlaryň geljegi — dünýäniň geljegi

34 **J. GURBANOW, A. RAHYMOWA** – Dünýä barylýan ýolda durmuş mekdebi

37 **G. ORAZBERDIÝEW** – Watan. Buýsançly goşgy

38 **M. GURBANOW** – Arkadag şäheri. Parahatlyk aýdymy

39 **D. ANNAÝEW** — Watana
**A. ATAKAÝEWA** — Garaşsyz, Bitarap meniň Watanym!

40 **«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»** – Täze uniwersitet — geljekki ösüşleriň binýady

44 **G. AKMYRADOW** – Energetika pudagynyň döwrebap bilim desgalary açyldy

46 **S. SULTANMYRADOWA** – Il saglygy — ýurt baýlygy

48 **A. BAGŞYÝEW** – Noutbuk kompýuterleri – körpelere ajaýyp sowgat

50 **M. ОРАЗБЕРДИЕВА, Г. ДЖУМАДУРДЫЕВА** – Накопление биомассы микроводорослей в питательной среде на основе дренажной воде

53 **O. GELDIÝEW, D. BEGDULLAÝEW, S.GELDIÝEW** – Ýod we bromly senagat, ugurdaş hem gatlak suwlarynyň dykyzlyklarynyň himiki düzümlerine we temperatura baglylygyny öwrenmek






**«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»**
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №3, 2025-nji ýyl.

**Baş redaktor:** T. Nurow.

**Jogapkär kätip:** G. Orazberdiýew.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
R. Esedulaýew, O. Geldiýew,
A. Jumadow, A. Muhammedow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 3 575. Sargyt №2894. Bahasy 25 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 7.
**«Türkmenistanyň senagaty»** žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Žurnal Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A –117368.

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №3, 2025 год.

**Главный редактор:** Т. Нуров.

**Ответственный секретарь:** Г. Оразбердыев.

**Редакционная коллегия:**
Р. Эседулаев, О. Гельдыев, А. Джуматов,
А. Мухаммедов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 3 575. Заказ №2894 Цена 25 манат.
Формат 60x90 1/8. 7 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Журнал отпечатан в Центре печати.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

**«INDUSTRY OF TURKMENISTAN»** magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.


ÝAŞASYN GARAŞSYZ, BAKY BITARAP
TÜRKMENISTAN!
XXXIV